**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**
**– MEŞHUR AHALTEKE BEDEWLERINIŇ ŞAN-ŞÖHRATY MÜŇÝYLLYKLARYŇ DOWAMYNDA ÄLEME DOLUP GELÝÄR. BIZIŇ ŞÖHRATLY BEDEWLERIMIZIŇ DÜNÝÄNIŇ ATÇYLYK MEDENIÝETINIŇ DÖREMEGINDE ULY GOŞANDY BARDYR.**

# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

22-nji aprel, 2022. Belgisi 16/1478



# BEHIŞDI BEDEWLERIMIZE BELENT SARPA

*20-nji aprelde paýtagtymyzdaky «Oguzkent» myhmanhanasynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň XII mejlisi geçirildi.*

Däp bolşy ýaly, her ýyl Türkmen bedewiniň milli baýramynyň öň ýanynda geçirilýän bu forum arassa ganly ahalteke bedewlerini köpeltmek bilen iş salyşýan dünýä döwletleriniň atşynaslary üçin netijeli hyzmatdaşlygyň açyk meýdançasy bolup, türkmen halkynyň bahasyz gymmatlygy hem-de buýsanjy hasaplanýan behişdi bedewleriň dünýädäki şöhratyny artdyrmaga ýardam berýär.

Foruma pudaklaýyn düzümleriň ýolbaşçylary, atşynaslar, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri we daşary ýurtly žurnalistler gatnaşdylar.

Döwlet Baştutanymyz Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň XII mejlisini açyp, bu forumyň Türkmen bedewiniň milli baýramynyň döwlet derejesinde bellenilýän günlerinde geçirilmeginiň ähmiýetini belledi.

Hormatly Prezidentimiz hemmeleri şanly waka hem-de ajaýyp baýramçylyk bilen tüýs ýürekden gutlady.

Biz milli baýlygymyz we halkymyzyň göz guwanjy bolan behişdi bedewlerimiziň şan-şöhratyny dabaralandyrýan Türkmen bedewiniň milli baýramyny ähli halkymyz hem-de dünýädäki ahalteke bedewleriniň janköýerleri bilen bilelikde belläp geçýäris diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy.

Mälim bolşy ýaly, Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň döredilenine şu ýyl on iki ýyl dolýar. Häzirki döwürde bu abraýly halkara guramanyň ýurdumyzdan we dünýäniň 30-dan gowrak döwletinden 188 agzasy bar. Şolaryň alyp barýan işleriniň netijesinde ahalteke bedewleriniň we olaryň muşdaklarynyň sany ýylsaýyn artýar diýip, hormatly Prezidentimiz belledi.

Hormatly Prezidentimiz Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň XI mejlisinde assosiasiýanyň öňünde durýan esasy wezipeleri kesgitledi. Onuň işini mundan beýläk-de talabalaýyk alyp barmak maksady bilen, «Türkmen atlary» döwlet birleşigi Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasy bilen bilelikde:

- ☑ ahalteke bedewleriniň merkezleşdirilen tohumçylyk hasabatyny ýöretmeli;
- ☑ daşary ýurtlaryň atçylyk assosiasiýalary bilen ýola goýlan hyzmatdaşlygyň gerimini has-da giňeltmeli;
- ☑ dünýäde arassa ganly ahalteke atlarynyň baş sanyny artdyrmak we bu ugurda alnyp barylýan seçgi-tohumçylyk işlerini ylmy esasda öwrenmek boýunça zerur işleri geçirmeli;
- ☑ ýurdumyzda we daşary ýurtlarda ahalteke bedewlerine bagyşlanyp geçirilýän ylmy maslahatlary, duşuşyklary, medeni çäreleri, bedew bäsleşiklerini, sergileri we auksionlary guramaly hem-de olara gatnaşmaly;
- ☑ ahalteke bedewleriniň täze tohumçylyk nesil ugurlaryny döretmeli;
- ☑ ýurdumyzda we daşary ýurtlarda halkara derejedäki atly sport bäsleşiklerini guramaly we olara gatnaşmaly;
- ☑ dünýäniň arassa ganly ahalteke atlarynyň halkara «tohumçylyk kitabyny» döretmeli;
- ☑ dünýä belli «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň daşary ýurtlarda çykyşlaryny guramaly;
- ☑ ahalteke atçylyk medeniýetini we sungatyny wagyz etmek üçin kitaplary taýýarlamaly hem-de sanly ulgam arkaly mahabat çärelerini geçirmeli;
- ☑ assosiasiýanyň agzalarynyň ahalteke atçylygyny ösdürmekde we giňden wagyz etmekde alyp barýan işlerini höweslendirmeli.

Bu işler Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň işini döwrebap derejede guramak üçin esasy ýörelge bolmalydyr diýip, döwlet Baştutanymyz belledi.

Hormatly Prezidentimiz çykyşynyň dowamynda ýurdumyzda behişdi bedewlerimize belent sarpa goýulýandygyny, olaryň hormatyna ýadygärlik toplumlarynyň we ençeme binalaryň gurlandygyny aýtdy. Aşgabat atçylyk sport toplumynda açyk manež, Halkara ahalteke atçylyk sport toplumy, Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Kärizek geňeşliginde täze Aba Annaýew obasy, paýtagtymyzda Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň we Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň merkezi ulanmaga berildi. Atçylyk pudagyny ösdürmek maksady bilen, häzirki wagtda Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda 600 baş ahalteke atyny saklamaga niýetlenen döwrebap athananyň gurluşygynyň alnyp barylýandygyny bellemek gerek.

Şu ýyl Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli Balkan welaýatynda ýetginjekleriň, uly ýaşly hem-de halypa çapyksuwarlaryň gatnaşmagynda baýramçylyk at çapyşyklary geçiriler. Şu maksat bilen, Balkan atçylyk sport toplumynyň durky täzelenildi.

Soňra mejlise sanly ulgam arkaly gatnaşýan Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň agzasy, kanadaly hususy atşynas, «Türkmenistanyň at gazanan atşynasy» Tito Pontekorwa söz berildi. Ol döredilen mümkinçilikden peýdalanyp, hormatly Prezident Serdar Berdimuhamedowy iň ýokary döwlet wezipesine saýlanmagy bilen tüýs ýürekden gutlap, döwlet Baştutanynyň ýolbaşçylygynda Türkmenistanyň durnukly ösüş ýoluny dowam etdirjekdigine we ösüşiň täze sepgitlerine ýetjekdigine ynam bildirdi. Sözüniň ahyrynda jenap Tito Pontekorwo hormatly Prezident Serdar Berdimuhamedowy Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli gutlady hem-de berk jan saglyk we ähli başlangyçlarynda uly üstünlikleri arzuw etdi. ■ 2



## IŞEWÜRLERIŇ işi ileri

Häzirki döwürde milli ykdysadyýetimiziň döwlete dahylsyz ulgamyny ösdürmek, telekeçilik başlangyçlaryny goldamak döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, dünýäniň ösen tejribesinden ugur alnyp, hususy ulgamyň ykdysadyýetimizde eýeleýän ornunyň berkidilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Munuň özi türkmen telekeçileriniň dürli ugurlar, şol sanda azyk we beýleki harytlaryň önümçiligi boýunça belent sepgitleri eýelemegine giň ýol açýar.

Soňky ýyllarda ýola goýlan asylly däbe görä, hususy işewürligiň gazananlarynyň gözden geçirilişiniň maksady dürli ugurlardaky täzelikler hem-de telekeçiler tarapyndan daşary ýurtlardan getirilýän harytlar, eksport ugurly önümleriň önümçiliginde ulanylýan innowasion işläp taýýarlamalar bilen tanyşdyrmaga gönükdirilendir. ■ 3



## OBA HOJALYGYNDA gyzgalaňly döwür

**Ýurdumyzda alnyp barylýan halk bähbitli işleriň çäklerinde oba hojalyk pudagynyň işini kämilleşdirmek ugrunda möhüm işler durmuşa geçirilýär. Munuň şeýledigini «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda amala aşyrylýan işler hem aýdyň görkezýär.**

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe oba hojalyk ulgamynda birnäçe işler alnyp barylýar. Şu günler ekin meýdanlarynda gök maýsalaryň ygşyldaşyp oturanyny synlanyňda, daýhanlaryň yhlasly zähmetini görmek bolýar.**

**Türkmen topragy bereket çeşmesi hasaplanylýar. Muny alymlar Gün şöhlesiniň köp düşýändigi, topragymyzyň ýumşaklygy bilen düşündirýärler.** ■ 3



## SAGLYGY GORAÝYŞ ulgamynyň belent sepgitleri

Diýarymyzda raýatlaryň saglygynyň goralmagy ugrunda uly aladalar edilýär. «Döwlet adam üçindir!» şygary bilen alnyp barylýan durmuş ugurly syýasatda halkymyzyň bagtyýarlygy we rowaçlygy ileri tutulýan ugurdyr. Milli saglygy goraýyş ulgamynda ýetilen belent sepgitler Garaşsyz Watanymyzyň gazanan iň uly üstünlikleriniň hatarynda ykrar edildi.

Ýurdumyzyň milli saglygy goraýyş ulgamynyň kemala gelmegi akademik, lukmançylyk ylymlarynyň doktory, professor, lukman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ady we zähmeti, hut milli Liderimiziň parasatly baştutanlygynda işlenip düzülen «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň üstünlikli amal edilmegi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. ■ 3

## BEDEWLERIMIZ toýlarymyzyň bezegi

Türkmeniň boz meýdanlarynda çapyp barýan behişdi bedewleriň nurana keşbinde mukaddes topragyň ezizligi, şöhratly ata-babalarymyzyň yhlasy, şu günki parahat we bagtyýar durmuşyň asudalygy bar, çarpaýa galyp, kişňäp duran bedewde ak ýollaryň ýalkymy bar. At toýnagynyň dabrap çykýan sesleri parahatçylygyň mukamy bolup eşidilýär. Halkymyzda «Atym bar – ganatym bar», «At – myrat» diýilýär. Dal bedewler halkyň ganaty bolup, menzillerden menzillere, maksat-myrada ýetirýär. Şonuň üçin hem halkymyz öz bedewini gardaşy, syrdaşy, dosty saýýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň beýik ösüşleriniň bedew bady bilen baglanyşdyrylmagy bagtyýar watandaşlarymyzy belent maksatlara ruhlandyrýar. Bu gün behişdi bedewlerimiz ýurdumyzyň okgunly ösüşleriniň, Watanymyzyň döredijilik kuwwatynyň aýrylmaz bölegine, şanly toý-baýramlarymyzyň bezegine öwrüldi. Türkmen bedewi – agzybir halkymyzyň milli buýsanjydyr, dünýä beren meşhur gymmatlygydyr.

Gahryman Arkadagymyz şu ýylyň fewral aýynda Halkara ahalteke atçylyk sport toplumynda bolanda, atşynaslaryň haýyş etmegi bilen täze taýçanaga Zaman diýip at dakyp berdi. «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylyny özboluşly alamatlandyran bu şatlykly waka ähli halkymyzyň kalbyna ganat bekletdi. ■ 2

## AT – TÜRKMENIŇ UÇAR GANATY

*Türkmen halky müňýyllyklara uzaýan taryhynyň dowamynda ençeme medeni we ruhy gymmatlyklary döredipdir. Bu gymmatlyklar milletimiziň tebigy zehininiň, aňyrdan gelýän medeniýetiniň, ylym-biliminiň dünýä ýaýylmasydyr.*

Dünýäde nepisligi we ussatlygy talap edýän zatlaryň hemmesi müňýyllyklaryň dowamynda döräp, asyrlardan-asyrlara kämilleşip, halkyň ruhuny, içki dünýäsini özüne siňdiripdir. Muňa türkmen bedewini mysal almak hem ýeterlikdir. Bedewiň keşbi türkmen halkynyň ganyna, süňňüne şeýle bir ornaşypdyr welin, ony wasp etmedik hiç bir şahyr, hiç bir dessançy bolmandyr. Bedew türkmeniň ýow gününde ýoldaşy, toýda syrdaşy bolupdyr.

Türkmeniň bedewe berýän bahasy, oňa öz durmuşynda aýyrýan orny başgadyr. Biziň milletimiz aty abraý, dereje, mertebe hasaplap, bedewsiz durmuşy göz öňüne getirip bilmändir. Öz gözelligi we ýyndamlygy bilen meşhur bolan ahalteke bedewlerini ýetişdirmek üçin halkymyzyň müňýyllyklaryň dowamynda kemala gelen seýisçilik mekdebiniň uly ähmiýeti bardyr. Ahalteke bedewleri dünýäde gözellikde we ýakyn aralyga çapmakda ýyndamlygy bilen ýaryşlarda baýrakly orunlary eýeleýärler.

Aslyny gadymyýetiň jümmüşinden alyp gaýdýan türkmeniň seýisçilik sungaty ahalteke bedewini dünýäni haýrana goýýan keşbine getiripdir.



Ahalteke bedewiniň kemala gelmegine türkmenleriň şol mahalky ýaşaýyş-durmuş ýörelgesi täsir edipdir. Ahalteke bedewi atly ýöriş üçin örän gowudyr, onuň hereketi çeýe bolup, çapyksuwary ýadatmaýar. Ussat seýisleriň aýtmagyna görä, çapyksuwaryň gödekligi bedewe juda ýokuş degýär.

Ahalteke bedewi öz ata-babalaryndan çydamlylygy alypdyr. Ahalteke bedewiniň Garagum sährasynda seýislenenligi bilen bagly aýagyny keýik ýaly urmak endigi görenlerde ýere galtaşmazdan, ýüzýän ýaly duýgyny döredýär. Bu hereketi ahalteke bedewlerine akyp ýatan çägede-de ýöremäge kömek edipdir.

Tüýüniň örän gysga we gytyk bolmagyna garamazdan, ahalteke bedewleri 30-50 dereje gyzgynlyga çenli çydamaga ukyplydyr we her hili howa üýtgemelerini, suwsuzlygy ýeňil geçirýändir. Daşky görnüşiniň näzikligine we gözelligine garamazdan, ahalteke bedewlerine adatdan daşary çydamlylyk mahsusdyr. Taryhçylaryň aýtmagyna görä, ýowuz uruşlarda gylyç bilen ýaralanan ahalteke bedewleriniň öz arkasynda iki sany uly adamy alyp giden wagtlary bolupdyr. Bu çydamlylygy häzirki günlerde bedewleriň ýaryşlarda görkezýän ussatlyklaryndan hem görmek bolýar.

Şol ýaryşlaryň içinde iň meşhury bolsa, 1935-nji ýylda Aşgabat–Moskwa aralygyna geçirilen ýörişdir. ■ 2

### Ýylyň abraýly 100 kompaniýasy

▸ABŞ-nyň «Time» žurnaly ýylyň iň abraýly 100 kompaniýasynyň sanawyny mälim etdi. Oňa saglygy goraýyş, güýmenje, tehnologiýa we beýleki ugurlarda işleýän guramalar girdi. Neşir dürli ugurlarda iş alyp barýan hünärmenlerden iň möhüm işewür kompaniýalary saýlamagy haýyş etdi. ■ 4

### Agaçda ýaşaýan jandarlar

▸Uçýan jandarlaryň ýüzlerçe görnüşi bolup, olaryň köpüsi agaç şahalarynda höwürtge ýasanýarlar. Deňiz kenarlaryndaky kert gaýalarda, çägeliklerde we düzlüklerde höwürtge ýasanýan ýa-da hiç hili höwürtge ýasanmaýan guşlar hem bolýar. ■ 5

### Ýewropada kubok ýaryşlary

▸Angliýanyň FA Kubogy ýaryşynyň finalynda «Liwerpul» bilen «Çelsi» toparlary duşuşarlar. «Wembley» stadionynda oýnalan ýarym final oýunlarynda «Liwerpul» «Mançester Sitini» 3-2 hasabynda ýeňdi. ■ 7

## Hytaýdan Germaniýa otly gatnawy

Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümeti Şensi welaýatynyň demirgazyk-günbataryndaky Sian şäherinden Germaniýanyň Mangeým şäherine çenli ýük otly gatnawyny ýola goýdy. Bu ýük otlusy Gara we Hazar deňzinden geçip, Ýewropa aralaşar. Umumy agramy 316 tonnadan ybarat bolan 42 konteýner ýüklenen otly Sian şäherinden ýola çykyp, Gazagystanyň, Azerbaýjanyň, Gruziýanyň, Rumyniýanyň, Slowakiýanyň we Çehiýanyň üsti bilen Mangeým şäherine barar we umuman 11,3 müň kilometr geçer.



Täze ugur otly gatnawynyň ýygylygynyň az bolan ýurtlaryndan we sebitlerinden geçer. Mundan ozal Hytaýdan Ýewropa çenli Russiýanyň üsti bilen geçýän ugur açylypdy. Täze logistika kompaniýalaryna täze mümkinçilikleriň açylmagyna ýardam berer.

**Oguljeren RAHMANOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## «Teslanyň» girdejisi ýokarlandy

Şu ýylyň birinji çärýeginde 310 müň 48 awtoulag satan elektroulag öndürijisi «Tesla» kompaniýasy rekord girdeji gazandy. Degişli döwürde kompaniýanyň peýdasy 3,7 milliard dollar bolup, rekord derejä ýetdi. Kompaniýanyň şu ýylyň birinji çärýeginde peýdasy geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 255 göterim artypdyr. «Tesla»-nyň 2021-nji ýylyň birinji çärýeginde arassa peýdasy 1,1 milliard dollar boldy.



«Tesla»-nyň birinji çärýekdäki girdejisi geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 81 göterim ýokarlanyp, 18,8 milliard dollara ýetdi. Bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwründe 10,4 milliard dollar bolupdyr. Elektroulag öndürijisiniň 2021-nji ýylyň birinji çärýeginde 0,93 dollar bolan paýnama başyna girdejisi hem şu ýylyň degişli döwründe 3,22 dollara çenli ýokarlandy.

**Tahyr ŞEMSETDINOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Afrikadaky ilkinji merkezini gurar

Tehnologiýa ägirdi «Google» kompaniýasy Afrikada ilkinji haryt işläp taýýarlaýan merkezini gurjakdygyny mälim etdi. Merkeziň gurulmagy üçin sebitde artýan internet ulanyjylaryna has gowy hyzmat etmek maksady bilen Keniýanyň paýtagty Naýrobi saýlanyp alyndy. Merkezi edarasy Kaliforniýada ýerleşýän kompaniýa şu onýyllygyň ahyrynda Afrikadaky internet ulanyjylarynyň sanynyň 800 milliona ýetjekdigini, şeýle hem dünýädäki ýaş ilatyň üçden biriniň bu yklymda ýaşajakdygyny belleýär. Kompaniýanyň Afrika boýunça başlygy Nitin Gajriýa Naýrobide guruljak merkeze inženerleriň, haryt dolandyryjylaryň we hünärmenleriň işe alynjakdygyny mälim etdi.



Kompaniýanyň ýolbaşçysy Sundar Piçaý geçen ýyl ýurtlaryň ykdysadyýetleriniň sanly öwrülişigini çaltlandyrmaklaryna goldaw bermek maksady bilen 5 ýylyň dowamynda Afrikadaky dürli taslamalara 1 milliard dollar maýa goýjakdyklaryny aýdypdy. «Google» mundan ozal Gananyň paýtagty Akrada emeli aň merkezini açypdy.

**Jennet BÄŞIMOWA,**
*Türkmen oba hojalyk institutynyň talyby.*

## Ilaty 25 milliona golaýlady

Müsüriň paýtagtynyň ilaty 25 milliona golaýlady. Bu barada Kair welaýatynyň häkimi Halid Abdel Al habar berdi. Ýurduň paýtagty iki welaýatyň – Kairiň we Gizanyň çäginde ýerleşýär. Her gün on müňlerçe adam, şol sanda goňşy sebitlerden metropolise işlemek, okamak we gezelenç etmek üçin gelýärler. Ýurduň iň gür ilatly sebiti bolan bu şäheriň infrastrukturasyny ösdürmek üçin tagalla edilýär. Häzirki wagtda Kairden 25 kilometr uzaklykda döwlet edaralarynyň, şeýle hem daşary ýurtlaryň ilçihanalarynyň göçürilmegi göz öňünde tutulan täze merkez gurulýar. Müsüriň 104 million töweregi ilaty bar.



**Toýly GURBANOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Iň gowy şäherýaka ulagy saýlandy

«Toyota» kompaniýasynyň şäher awtoulaglaryndaky tejribesini ýolsuz ýerde ýöreýän ulaglar bilen birleşdiren täzeçil tehnologiýasy netijesinde, işläp düzen «Yaris Cross» ulagy baýraga mynasyp boldy. Ulag 2022-nji ýylda dünýäniň iň gowy şäherýaka ulagy (2022 World Urban Car) saýlandy. Bu baýrak 33 ýurtdan 102 awtoulag žurnalistiniň ses bermegi bilen kesgitlenýär. Ýewropa bazary üçin döredilen bu ulag özüniň täsirli dizaýny, giň kabinasy, dördünji nesil gibrid hereketlendirijisi, ýokary howpsuzlyk standartlary bilen tapawutlanýar. Kompaniýanyň «Yaris» ulagy hem geçen ýyl Ýewropanyň iň gowy ulagy saýlanypdy.



**Merdan SEÝITLIÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# BEHIŞDI BEDEWLERIMIZE BELENT SARPA

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Soňra sanly ulgam arkaly Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň agzasy, «Türkmenistanyň at gazanan atşynasy», Germaniýa Federatiw Respublikasynyň «Jeýkob Ferdezuçt GBR» atçylyk firmasynyň direktory Katerina-Irena Ýakob çykyş etdi. GFR-iň wekili hormatly Serdar Berdimuhamedowa Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine saýlanmagy mynasybetli tüýs ýürekden çykýan gutlaglaryny aýdyp, döwlet Baştutanynyň ýolbaşçylygynda ýurduň mundan beýläk-de ösmegine ýardam berjek giň gerimli özgertmeleriň dowam etdiriljekdigine ynam bildirdi.

Soňra döwlet Baştutanymyz mejlisiň gün tertibine laýyklykda, Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli ýurdumyzyň atşynaslaryna hem-de Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň daşary ýurtly agzalaryna «Türkmenistanyň at gazanan atşynasy» diýen hormatly ady dakmak hakynda Permanlara gol çekdi. Mejlisiň dowamynda «Türkmenistanyň at gazanan atşynasy» diýen hormatly ada mynasyp bolan hem-de şu mejlise sanly ulgam arkaly gatnaşýan Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň agzalaryna söz berildi.

Ýaponiýanyň «Akhal-teke Affinity Co.LTD» hojalyk jemgyýetiniň baş direktory Miçiko Aoe çykyşynyň başynda hormatly Serdar Berdimuhamedowy Prezident saýlawlarynda gazanan ynamly ýeňşi bilen gutlady. Hanym Miçiko Aoe «Türkmenistanyň at gazanan atşynasy» diýen hormatly adyň berlendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi hem-de Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň işini mundan beýläk-de ösdürmek maksady bilen, zerur tagallalary gaýgyrmajakdygyna ynandyrdy.

Soňra Özbegistan Respublikasynyň «Uzbegim» ahalteke atçylyk hojalygynyň başlygy Awaz Ismoilow çykyş etdi. Ol mümkinçilikden peýdalanyp, Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň agzalarynyň adyndan we hut öz adyndan döwlet Baştutanyny 2022-nji ýylyň 12-nji martynda geçirilen Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlarynda gazanan ynamly ýeňşi bilen gutlady. Özbegistanda ahalteke bedewlerine we olaryň gadymy gelip çykyşyna örän ýokary baha berilýär diýip, Awaz Ismoilow aýtdy we hormatly Serdar Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda bu ajaýyp bedewleri köpeltmekde innowasion tehnologiýalary ulanmak arkaly assosiasiýanyň işiniň öňe gitjekdigine ynam bildirdi. Özbegistanyň wekiliniň belleýşi ýaly, enčeme kärdeşleri bilen bir hatarda, özüniň-de «Türkmenistanyň at gazanan atşynasy» diýen hormatly at bilen sylaglanmagy onuň ömründe ýatdan çykmajak şatlykly we buýsançly waka boldy. «Uzbegim» ahalteke atçylyk hojalygynyň başlygy bildirilen hormat üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanyny Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli mähirli gutlady.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow mejlisi dowam edip, Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasyna türkmen we daşary ýurtly täze agzalary kabul etmek baradaky çözgütleri tassyklamak hakynda Kararlara gol çekdi. Soňra assosiasiýanyň täze agzalaryna – foruma sanly ulgam arkaly gatnaşýan Gazagystan Respublikasynyň we Hytaý Halk Respublikasynyň wekillerine söz berildi.

Gazagystan Respublikasynyň Medeniýet we sport ministrliginiň Sport we bedenterbiýe işleri komitetiniň «Milli atly sport görnüşleri merkeziniň» direktory Amanžol Hasenow hormatly Serdar Berdimuhamedowa ýüzlenip, özüniň Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň agzalygyna kabul edilendigi baradaky habary uly şatlyk bilen kabul edendigini nygtady. Goňşy ýurduň wekili Gazagystanda atçylyk bilen enčeme ýyldan bäri gyzyklanyp gelýändigini belläp, assosiasiýanyň agzalary bilen bilelikde bu abraýly edaranyň işini mundan beýläk-de ösdürmekde öz goşandyny goşjakdygyna ynandyrdy.

Soňra Hytaý Halk Respublikasynyň Hytaý atçylyk assosiasiýasynyň Ahalteke atçylyk akademiýasynyň prezidenti, «Datsin Hiyou» atçylyk kompaniýasynyň esaslandyryjysy – başlygy Liu Şutsin çykyş etdi. Hytaý Halk Respublikasynyň wekili hormatly Prezidenti mübärekläp, Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasyna agza bolmaga ýüztutmasynyň kanagatlandyrylmagynyň özi üçin uly hormatdygyny nygtady. Hytaýda behişdi ahalteke bedewlerine gyzyklanma has-da artýar diýip, jenap Liu Şutsin aýtdy hem-de atşynaslaryň ahalteke atlarynyň arassa ganlylygynyň saklanylmagy, sanynyň köpeldilmegi we meşhurlygynyň artdyrylmagy üçin başarnyklaryny gaýgyrmajakdyklaryna ynandyrdy. Ol enčeme ýylyň dowamynda Hytaý Halk Respublikasynda arassa ganly ahalteke bedewleriniň goralyp saklanmagyna we köpeldilmegine ygrarlylyk görkezilýändigini belläp, Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň alyp barýan işlerine goşandyny goşmaga taýýardygyny tassyklady.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň mejlisinde çykyş eden daşary ýurtly agzalaryna minnetdarlyk bildirip, «Türkmenistanyň at gazanan atşynasy» diýen hormatly ada mynasyp bolanlary hem-de assosiasiýanyň agzalygyna täze kabul edilenleri bu şanly wakalar bilen gutlady we olara işlerinde üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra döwlet Baştutanymyz geljek ýylyň aprel aýynda Aşgabat şäherinde Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň nobatdaky XIII mejlisini geçirmek hakynda Karara gol çekdi.

Hormatly Prezidentimiz Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň XII mejlisini jemläp, hemmeleri «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda forumyň üstünlikli geçirilmegi hem-de Diýarymyzda dabaraly bellenilýän Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlady.

# AT – TÜRKMENIŇ UÇAR GANATY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bu aralyk 84 günde geçilip, onuň 3 gününi çapyksuwarlar Garagumuň içinden hiç bir ýerde säginmän, dynç alman geçýärler. Atlaryň hemmesi sag-salamat Moskwa baryp ýetýärler. Olaryň içinde ýeňiji bolan Tarlan atly dor bedewdir. XIX asyrda merkezi Aziýa syýahat eden Armeniý Wamberi şeýle ýazýar: «Bu owadan jandarlar olara siňdirilen azaplara degýär... Bu jandarlar hakykatdan-da örän täsin. Olaryň çapuwy we çydamlylygy hakyndaky gürrüňler asla ulaldylan däldir».

Antik ýazuw çeşmelerinde ahalteke bedewleri barada Gerodot şeýle ýazýar: «Midiýa diýen ýerde Neseý sähralyklarynda şeýle bir üýtgeşik atlar ýetişdirilýär». Neseý diýende taryhçy Nusaýy, demirgazyk Eýran bilen Günorta Türkmenistany göz öňünde tutýar.

Hemme alymlaryň biragyzdan bellemegine görä, hut ahalteke bedewi çapuw atlarynyň neslinden gaýdýar. Bu bedewler beýleki at tohumlarynyň kemala gelmeginde hem uly rol oýnapdyr. Hatda arap atlarynyň döremegine hem ahalteke atlarynyň sebäp bolandygyny aýdýarlar.



Türkmenler at çapyşyklarynyň janköýerleri bolup, atlaryň seýislenmegi bilen bagly ähli zatlara uly jogapkärçilik bilen seredipdir. Bu ugurdaky köpýyllyk tejribe bolsa nesillere geçirilipdir. Daşary ýurt alymlarynyň bellemegine görä, ahalteke bedewine syçrap çapmak häsiýeti mahsus bolup, ony dogabitdi ýaryş üçin niýetlenen ata öwürýär.

Ady ahalteke aty bolsa-da bu bedewler diňe bir Türkmenistanyň çäginde däl, eýsem, Gazagystanda, Russiýanyň dürli sebitlerinde hem köpeldilýär. Elbetde, atlar howa ýagdaýyna, iýmitine we seýisçilik başarnygyna görä kemala gelýär. Meselem, altynsow reňkli bolmak diňe Garagum sährasyndan dem alan bedewlere mahsus bolmaly diýip, dünýä belli atşynaslar belleýärler.

Bu günki ahalteke bedewleri, elbetde ýüzlerçe ýyl mundan ozalky ata-babalaryndan daş keşbi boýunça tapawutlanýarlar. Häzirki behişdi bedewlerimiz geçmişde ýaryşlarda uly yz goýan Boýnow, Meleguş, Gelşikli, Arap, Gaplaň, Gyr Sakar, Pakyrpälwan atlarynyň nesillerindendir.

Gahryman Arkadagymyz türkmen bedewleriniň mertebesini has-da ýokary göterdi. Ýurdumyzda döwrebap ahalteke atçylyk toplumlary, aýlawlar, atçylyk sport merkezleri döredildi. Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz tarapyndan bu işler dowam etdirilýär. Bu bolsa halkymyzyň göz-guwanjy bolan, nesillerden nesillere miras geçen ahalteke bedewiniň şan-şöhratynyň dünýä ýaýylýandygyna ýene bir gezek güwä geçýär.

**Gülbahar GURBANOWA,**
*Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby institutynyň uly mugallymy.*

# BEDEWLERIMIZ TOÝLARYMYZYŇ BEZEGI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow şu ýylyň 19-njy martynda wezipä girişmek dabarasynda eden taryhy çykyşynda geljekde ahalteke atlarynyň baş sanyny, dünýädäki şan-şöhratyny has-da artdyrmak ugrunda alnyp barylýan giň gerimli işleriň üstünlikli dowam etdiriljekdigini aýratyn nygtap geçdi.

Türkmen halkynyň milli buýsanjyna, gözelligiň we owadanlygyň ajaýyp nusgasyna öwrülen behişdi bedewlerimiziň şan-şöhraty müňýyllyklardan bäri äleme dolup gelýär. Ahalteke atlary türkmen halkynyň uçar ganatyna deňän, iň ýakyn syrdaşydyr. «At agynan ýerde toý bolar» diýýän halkymyzyň toý-baýramlarynda behişdi bedewlerimiziň orny üýtgeşikdir.

Geçmişde «Nusaý atlary», «Asman atlary», «Argamak atlary», «Ahalteke atlary» ýaly atlar bilen meşhur bolan türkmen bedewiniň waspy dünýä halklarynyň dilinden düşmän gelýär.

«Nusaý atlary özleriniň gözelligi bilen hemme atlardan ajaýypdyr. Olar özleriniň buýsançly başlaryny belent tutup barýarlar, olaryň altyn öwüşginli ýallary howada galgap, ajaýyp ýalpyldaýar» diýip, grek taryhçysy Appian belläp geçipdir. Dünýä belli alym, professor B. O. Bumm atçylyk ylmy bilen baglanyşykly makalasynda «Ahalteke atlarynyň kömegi bilen Ýer ýüzüniň atçylyk medeniýeti döredildi» diýip ýazmak bilen, türkmen bedewiniň dünýä taryhyndaky ornuna, ähmiýetine uly baha beripdir. Atşynaslyk ylmy bilen meşgullanýan alymlaryň toplan maglumatlaryna görä, dünýäde atyň 200-den gowrak görnüşi bar. Şolaryň içinde owadanlykda, ýyndamlykda, çydamlylykda ahalteke atyna taý tapylman, iň ýokary baha mynasyp bolupdyr.

«Saňa at diýmerin, gardaş diýerin» diýip, Gyratyna buýsanan beg Göroglynyň bedewe söýgüsi Şadessanda şahyrana äheňde suratlandyrylmagy hem gerçekleriň ganaty bolan bedewleriň türkmen ruhunda, türkmen dünýäsinde baky orun alandygyny görkezýär.

Gahryman Arkadagymyzyň «Ahalteke bedewi



– biziň buýsanjymyz we şöhratymyz», «Ganatly bedewler», «Gadamy batly bedew», «Atda wepada bar, sapa-da» ýaly kitaplarynda türkmen bedewleriniň şan-şöhratly taryhy, atşynaslyk sungatymyz, atçylyk däpleri barada örän gymmatly maglumatlar bar. Gahryman Arkadagymyzyň behişdi bedewlerimiz hakyndaky kitaplarynda öňe sürülýän belent pikirler bagtyýar halkymyzyň milli ýaşaýyş-durmuş ýörelgelerinde bedewleriň tutýan ornuny, hormat-sarpasyny has-da aýdyň ýüze çykaryp, nesilleriň kalbynda atşynaslyk sungatyna, behişdi bedewlere söýgi, buýsanç duýgularyny kemala getirýär. Olaryň ählisi behişdi bedewlerimizi dünýä ýaýmakda, nesilleriň kalbynda milli buýsanjymyza öwrülen bedewlere söýgi döretmekde aýratyn ähmiýetlidir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe behişdi bedewlerimiziň şan-şöhraty dünýä dolýar. Ata-babalarymyzyň asylly ýol-ýörelgeleri täzeden dikeldilip, türkmen atşynaslyk sungaty, ahalteke bedewlerimiziň şöhratly ýoly täze rowaçlyklara eýe bolýar. Tohum atlary ösdürip ýetişdirýän, seýisçilik sungatyny kämilleşdirýän halkymyz öz behişdi bedewleri bilen sungatyň belent derejelerine çykdy.

Ýurdumyzda her ýyl bellenilýän Türkmen bedewiniň milli baýramynda uzak aralyga atly ýöriş bäsleşigi, bedewleriň päsgelçiliklerden böküp geçmek boýunça bäsleşigi, halypa we ýetginjek çapyksuwarlaryň arasynda at çapyşyklary, «Ýylyň iň owadan ahalteke bedewi» atly halkara gözellik bäsleşigi, ahalteke atlarynyň gözelliginiň şekillendiriş we amaly-haşam sungatynyň eserlerinde, neşir önümlerinde, fotosuratlarda, teleýaýlymlarda çeper beýan etmek ugrunda suratkeşleriň, heýkeltaraşlaryň, halyçylaryň, zergärleriň, fotosuratçylaryň, neşirýat işgärleriniň, dizaýnerleriň, teleoperatorlaryň arasyndaky döredijilik bäsleşigi yzygiderli geçirilýär. Bularyň ählisi bedewlere goýulýan hormat-sarpany barha belent derejelere göterýär.

«At dosty – ata dosty», «Atym bar, ganatym bar», «At ady bilen, ýigit ody bilen», «At aýagy gitgir, ozan dili ötgür», «At basyşyndan belli, är – bakyşyndan», «At üsti hyýally, dag başy dumanly», «Ata gerim gerek, ýigide – dost» ýaly nakyllarda-da atyň halkyň durmuşynda mäkäm orun alandygy bellenilip geçilýär.

Türkmen bedewiniň sarpasyny dünýä doldurmak, atşynaslyk sungatymyzy has-da kämilleşdirmek ugrundaky taýsyz tagallalary üçin hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden alkyş aýdýarys.

**Baýramberdi BABAHANOW,**
*Aşgabat şäheriniň ýaşaýjysy.*

## Planetalar «nyzama düzüler»

Şu hepdäniň ahyrynda Saturn, Mars, Wenera we Ýupiter planetalary biri-birleriniň deňinde durarlar. Seýrek bolýan bu kosmiki hadysa 23-nji aprelde Aý hem goşular. Oňa tomaşa etmek üçin ir sagat 5 bilen 6 aralygynyň amatly boljakdygy aýdylýar. Merkuriý planetasy bolsa 24-nji aprelde beýleki asman jisimleriniň düzülen hataryna goşular. Aslynda, bu planetalar Günüň orbitasynda hatara düzülmeýärler. Emma Ýerden seredilende bir hatarda ýaly bolup görünýärler. Howanyň açyk bolan ýagdaýynda bu hadysany göz bilen hem görüp boljakdygyny, has gowy görmek üçin dürbi ýa-da kiçiräk teleskop ulanmalydygy bellenilýär. Ýupiter Ýere has ýakyn durar. Ondan soňra Wenera, Mars we Saturn görner. Mundan ozal 2020-nji ýylda Saturn, Ýupiter, Mars we Wenera şeýle ýagdaýda görnüpdi. Olaryň arasynda Wenera has ýagty bolup görner.



**Maýa MISEKOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## Halkara Ýer güni

Her ýylyň 22-nji apreli «Halkara Ýer güni» hökmünde giňden bellenilýär. Bu sene 2009-njy ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 63-nji mejlisinde agza ýurtlaryň 50-den gowragynyň awtordaşlyk etmeginde döredildi. Bu günüň bellenilmegi Ýer şarynyň ähli künjeginde ýaşaýan her bir adama, umumy öýümize minnetdarlyk bildirmäge mümkinçilik berýär. Bu global hereketiň esasy maksady, jemgyýetiň we Ýer ýüzündäki her bir adamyň ünsüni Ýeriň, daşky gurşawyň meselelerine çekmek we adamzadyň ýüzbe-ýüz bolýan meselelerini öwrenmäge mümkinçilik bermekden ybaratdyr. Bu güni bellemek däbi, ABŞ-da 1970-nji ýylda başlap, 1990-njy ýyldan has giň gerime eýe boldy. Mundan başga-da, her ýylyň şol güni belli bir mowzuga bagyşlanýar. Her ýyl dünýäniň dürli künjeginden alymlar global daşky gurşaw meselelerini ara alyp maslahatlaşmak üçin tegelek stoluň başyna ýygnanýarlar. Dürli ýurtlarda belli bir mowzuga bagyşlanan dürli çäreler we mahabat çäreleri geçirilýär. Şol gün her bir adam öz daş-töweregini, köçelerini abadanlaşdyrmaga işjeň gatnaşýar.



**Ogulgerek BEGLEKOWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Syýahatçylary ýer belletmek arkaly kabul eder

Kanallary bilen meşhurlyk gazanan Italiýanyň Wenesiýa şäherine barjak myhmanlar öňünden ýer belletmek arkaly kabul ediler. Şeýle hem geljek ýyldan başlap, şähere giriş tölegli bolar. Şäheriň meri Luidji Brunýaro tomus aýlaryndan başlap, şähere geljek myhmanlaryň öňünden ýer belletmelidigini aýtdy. Bu düzgün ilkinji gezek synag maksady bilen ýola goýlar. Şeýle hem Brunýaro bu düzgüniň şäherdäki adam sanynyň köplüginiň öňüni alyp, deňagramly syýahatçylyk üçin amatly boljakdygyny aýtdy. Şäheriň munisipalitetiniň syýahatçylykdan jogapkär wekili Simone Wenturini 2023-nji ýyldan başlap, şähere girişiň tölegli boljakdygyny aýtdy. Italýan metbugaty geçen hepdäniň ahyrynda şähere bir günde 140 müň adamyň gelendigini habar berdi. Şäheriň ýerli häkimiýetiniň ýolbaşçylary 2019-njy ýylda şeýle karara gelipdiler. Bu karar 2020-nji ýylda pandemiýanyň ýüze çykmagy bilen yza süýşürilipdi.



**Sapargeldi BAÝRAMGELDIÝEW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Birmeňzeş ülňi giriziler

Ýewropa Parlamentiniň geňeşi Bileleşige agza ýurtlarda satylýan smartfon, planşet we kamera ýaly elektron enjamlarda «USB-C» zarýad girişiniň bolmagy üçin tagalla edýär. Ýewropa Parlamentiniň içerki bazar we sarp edijileri goramak geňeşi kiçi elektron enjamlaryň zarýad ulgamynyň birmeňzeş bolmagy üçin düzgünnama taýýarlaýar. «Akylly» sagat we goşarlyk ýaly has kiçi enjamlara bu düzgün degişli bolmaz. Bilermenler bu düzgüniň elektron enjamlarynyň zyňyndylaryny azaltjakdygyny belleýärler. Bu kanun teklibi doly taýýar edilenden soňra Ýewropa Parlamentinde sese goýlar. Soňra bolsa, agza ýurtlar bilen maslahatlaşylar.



Häzirki wagtda «Android» enjamlaryň köpüsinde we beýleki ululy-kiçili enjamlarda «USB-C» zarýad girişi ulanylýar. Esasan, «Apple» kompaniýasynyň elektron enjamlarynda özbaşdak zarýad beriş ulgamy bar. Bu kompaniýa smartfonlarynda, planşetlerinde we gulaklyklarynda «lightning» atly ulgamdan peýdalanýar. Şeýle-de bolsa, täze «iPad» we ýankompýuterlerinde «USB-C» girişi oturdylýar. Birmeňzeş zarýad berijiniň köp enjamda ulanylyp bilinmegi her enjam üçin aýratyn zarýad beriji almak zerurlygyny aradan aýrar. Şol sebäpli, bu ýagdaý hem sarp edijiler üçin, hem-de daşky gurşawyň goralmagy üçin ähmiýetli hasaplanýar.

**Aýna DURDYÝEWA,**
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň mugallymy.*

## Nol uglerodly ilkinji ýük ulagy

Dünýäde elektrik energiýasy bilen işleýän ilkinji ýük gämisi öndürildi. Uzynlygy 62 metre barabar bolan «Asahi» atly gämi aprel aýynyň ahyrynda Tokio aýlagyndan suwa goýberiler. Ýapon inženerleriniň işläp taýýarlan gämisini dolandyrmak üçin özi bilen deňeçer gämidäkiden az ekipaž gerek. Gäminiň batareýasynyň güýji 100 sany elektroulagyňka barabar bolup, beýleki suw ulaglaryna ýangyç daşamak maksady bilen peýdalanylar. Taslamany durmuşa geçiren «e5 Lab» konsorsiumy geljekde elektrik energiýasy bilen işleýän gaýyklary we wodorod bilen işleýän suw ulaglaryny öndürmegi meýilleşdirýär.



**Suwhannazar GOŞAÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Aprel aýynyň 22-si, 2022
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-109240

Belgisi: 16/1478
Tiražy: 4068
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-06, 28-14-36
www.zamanturkmenistan.com.tm / info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmenistanyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Türkmenistanyň Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Oba hojalygynda gyzgalaňly döwür

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Amatly tebigy şertleriň bolmagy hem janypkeş daýhanlarymyzyň arman-ýadaman çekýän asylly zähmeti netijesinde ýerden ýokary hasyl alnyp, watandaşlarymyzy özümizde bitýän galla, gök-bakja önümleridir beýleki zerur nygmatlar bilen üpjün etmek işi maksadalaýyk guralýar.

Ata Watanymyzda gowaçany ösdürip ýetişdirmäge aýratyn üns berilýär. Şu günler gowaça ekişi, bugdaýa suw tutmak işi gyzgalaňly dowam etdirilýär. Gowaça ýurdumyzyň dokma senagatyny çig mal bilen üpjün edýär. Her ýylda welaýatlaryň toprak-howa şertlerine laýyk gelýän kesellere, zyýankeşlere durnukly, ýokary hasylly, süýüm çykymy ýokary bolan gowaça görnüşleri ekilip, «ak altyna» deňelýän ak pagtanyň bol hasyly ösdürilip ýetişdirilýär. Şu ýyl ýurdumyzda gowaça ekmek üçin 580 müň gektar meýdan taýýarlanyp, 1 million 250 müň tonna pagta öndürmek göz öňünde tutulýar. Bulardan başga-da, ýurdumyzda 30 müň gektara ýeralma, 10 müň gektara sogan, 1 müň 500 gektara kelem we 3 müň gektara käşir ekildi. Ýurdumyzyň ministrlikleri, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň häkimlikleri tarapyndan köpçülikleýin bag nahallaryny ekmegiň ýazky möwsüminde jemi 1 million 658 müň 915 düýp bag nahaly oturdyldy. Mundan başga-da, şu ýyl jemi 2 müň 300 tonna pile öndürmek meýilleşdirilýär.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlislerinde we beýleki iş maslahatlarynda degişli ýolbaşçylara gök-bakja ekinleriniň, ýeralmanyň we beýleki oba hojalyk ekinleriniň ekilýän meýdanlaryny giňeltmek, oba hojalyk önümleriniň öndürilýän möçberlerini artdyryp, importyny azaltmak babatda anyk tabşyryklary berdi. Şeýle hem içerki bazaryň özümizde öndürilýän önümler bilen üpjün edilmelidigini belledi.





Oba hojalygy ýurdumyzyň esasy pudaklarynyň biri bolmak bilen, bu ugurda alnyp barylýan işler halkyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmaga, iş orunlaryny artdyrmaga, iň esasy hem, ekologiýa taýdan arassa önümlerden paýly bolup, uzak hem sagdyn ýaşaýyşy hemra edinmäge ýakyndan ýardam edýär. Ylaýta-da, oba hojalygynda gyzgalaňly möwsümiň, galla oragy hem pagta ýygymynyň ýetip gelýändigi nazara alnyp, bu möwsümlere gowy taýýarlyk görmegi ýola goýmak bu pudagyň zähmetkeşleriniň öňünde uly wezipe bolup durýar.

Ýurdumyzda sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly önümçiligi ýola goýmak beýleki pudaklar bilen bir hatarda oba hojalyk ulgamynda hem güýçli depginde alnyp barylýar. Obasenagat toplumynyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň pugtalandyrylmagy bolsa, bu pudagy özgertmegiň esasy ugurlarynyň biridir. Şonuň netijesinde pudagyň tehniki binýadyny meşhur daşary ýurt önüm öndürijileriniň – «Case», «New Holland», «John Deere», «Claas» we beýleki kompaniýalaryň iň täze, ýokary öndürijilikli döwrebap, kuwwatly tehnikalary hem-de enjamlary tutýar. Döwletimiz innowasion esasda inžener-tehniki üpjünçilik meselelerini çözüp, iň kämil tehnikalary satyn almak bilen, önümleriň öndürilýän möçberini durnukly, şol sanda agrotehniki çäreleri amatly möhletlerde we ýokary hilli geçirmegiň hasabyna artdyrmak üçin ähli şertleri döredýär.

**Güljahan SARYHANOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# Işewürleriň işi ileri

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Gahryman Arkadagymyzyň öňdengörüjilikli başlangyjy bilen, 2008-nji ýylyň 17-nji martynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi döredildi. Şol taryhy günden başlap, türkmen telekeçileri bir supranyň başyna jemlenip, agzybirlikde iş alyp barýarlar. «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda», «Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi hakynda (rejelenen görnüşi)» Kanunlaryň kabul edilmegi gowy netijeleri berdi. Birleşmäniň Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň çäginde 260 gektardan gowrak meýdanda döredilen Senagat zolagynda häzirki wagtda döwrüň ösen talaplaryna laýyklykda, innowasion tehnologiýalar esasynda iş alnyp barylýar.

Azyk bolçulygyny üpjün etmek döwletimiziň durmuş-ykdysady syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolmagynda galýar. Bu babatda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow wezipä girişmek dabarasynda eden çykyşynda: «Ýurdumyzda azyk howpsuzlygyny üpjün etmek örän möhüm wezipeleriň biridir. Munuň üçin biz dünýä standartlaryna laýyk gelýän, bäsdeşlige ukyply, ekologik taýdan arassa, ýokary hilli oba hojalyk önümlerini öndürýän häzirki zaman önümçiliklerini dörederis. Beýleki döwletlerden getirilýän harytlaryň ornuny tutýan oba hojalyk önümlerini özümizde giňden öndürip, olaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrarys» diýip belledi.

Häzirki wagtda Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi ýurdumyzyň hususy işewürliginiň wekilleriniň 27 müňden gowragyny özünde jemleýär.

Türkmen telekeçileri ýurdumyzyň ähli künjeginde medeni-durmuş maksatly binalary, döwrebap ýaşaýyş jaýlaryny, önümçilik kärhanalaryny gurmak bilen birlikde, oba hojalyk, maldarçylyk, guşçulyk, gurluşyk önümlerini öndürmäge ýöriteleşen kärhanalary gurmakda, hyzmat ediş we senagat önümçiligini kämilleşdirmekde netijeli işleri alyp barýarlar. Golaýda Mary etrabynda täze açylan tehniki uglerod öndürýän zawod hem munuň aýdyň subutnamasydyr. Zawodyň dolandyryş ulgamynda ABŞ-nyň «AtlaCopka» kompaniýasynyň, Germaniýanyň «Siemens» kompaniýasynyň enjamlary ornaşdyryldy. Kärhanada ISO 9001 we daşky gurşawa zyýansyzlygy barada ISO 14001 talaplaryna laýyk önümçilik ýola goýuldy. Tehniki uglerod iň gadymy himiki önümleriň biri bolup, adaty durmuşda giňden ulanylýar. Ol, esasan, rezin, plastmassa önümçiliginde, nanotehnologiýaly grafitlerde, neşirýat önümçiliginde hem-de elektrogeçirijileri ultramelewşe şöhlelerden goramak üçin daşky örtük hökmünde giňden peýdalanylýar.





Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmeginiň 14 ýyllygy hoş habarlara, buýsançly wakalara beslenip geldi. Hormatly Prezidentimiziň şanly sene mynasybetli guralan foruma gatnaşmagy hem-de TSTB-niň ýokary okuw mekdebiniň gurluşygyny maliýeleşdirmek hakynda Karara gol çekmegi taryhy ähmiýete eýe boldy. Täze bilim ojagynyň okuw maksatnamalary esasynda ýaşlara häzirki döwrüň talabyna laýyk döwrebap bilimler, telekeçiligiň hukuk esaslary, şol sanda «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda», «Telekeçilik işi hakynda», «Eýeçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary, kodeksleri, maksatnamalar, işewürligiň esaslary, sanly tehnologiýalar eýýamynyň möhüm bilimleri öwrediler.

**Ýazgül GURBANOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# SAGLYGY GORAÝYŞ ulgamynyň belent sepgitleri

*«Saglyk» Döwlet maksatnamasynda göz öňünde tutulan çäreleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde soňky ýyllarda ýurdumyzda adam ömrüniň ortaça dowamlylygy yzygiderli ýokarlanýar, pudagyň düzümleri döwrebaplaşdyrylýar, innowasion tehnologiýalar we lukmançylyk ulgamyndaky iň öňdebaryjy tejribeler işjeň ornaşdyrylýar.*

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Ýokary hünär derejeli lukmanlaryň taýýarlanylmagy, şeýle-de dünýäniň belli önüm öndürijileriniň döwrebap enjamlarynyň ornaşdyrylmagy bilen, türkmenistanlylara ýokary halkara ölçeglere laýyk gelýän lukmançylyk hyzmatlary edilýär. Ýurdumyzyň şäherleriniň we obalarynyň okgunly ösdürilmegini göz öňünde tutýan giň gerimli özgertmeleri durmuşa geçirmegiň çäklerinde Diýarymyzyň iň çetki künjeklerinde-de saglygy goraýyş desgalary gurulýar.

Jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgesiniň berkarar edilmegine, dogry iýmitlenmegiň we köpçülikleýin bedenterbiýe-sagaldyş hereketiniň giňden wagyz edilmegine uly üns berilýär. Bularyň ählisi döwletimiziň dünýä jemgyýetçiligi hem-de abraýly halkara guramalar, şol sanda BMG we onuň ýöriteleşdirilen edaralary bolan Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy, ÝUNISEF we beýleki guramalar tarapyndan ykrar edilen oýlanyşykly hem-de durmuş ugurly syýasatynyň anyk netijeleridir. Bu düzümler bilen işjeň we önjeýli hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. Dünýäniň öňdebaryjy lukmançylyk edaralarydyr ylmy-barlag merkezleri bilen ýygjam gatnaşyklar alnyp barylýar.

Ýurdumyzda adam saglygynyň ýokarda tutulýandygynyň ýene-de bir subutnamasynyň şaýady bolduk. Geçen hepde hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Türkmenbaşy şäherinde 400 orunlyk köpugurly hassahana açylyp ulanmaga berildi. Bu ýurduň çägindäki, şol sanda Balkan welaýatyndaky iň döwrebap hassahanalaryň biri bolup durýar. Ol dünýäniň iň öňdebaryjy lukmançylyk enjamlary we tilsimatlar bilen üpjün edilip, munuň özi geljekde ýurduň raýatlarynyň, şol sanda çagalaryň saglygyny goramaga-da aýratyn goşant bolar.



Şunuň ýaly täze lukmançylyk merkezleriniň diňe bir ýurdumyzyň paýtagtynda däl, eýsem, welaýatlarda hem açylýandygyny aýratyn bellemek gerek. Munuň özi döwletimiziň ilatymyzyň saglygy hakynda aladasynyň, raýatlara ýokary derejeli lukmançylyk hyzmatlarynyň ýurdumyzyň ähli künjeginde elýeterlidiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Halkymyzyň pähim eleginden geçen aýtgylarda nygtalyşy ýaly, bagtly bolmagyň on şertiniň dokuzysy saglyk bilen baglydyr. Ynsanyň saglygy onuň iň gymmatly baýlygy bolmak bilen, ol döwletiň hem-de jemgyýetiň ösüşine täsir edýän ençeme görkezijileri özünde jemleýär. Dünýä tejribesiniň görkezişi ýaly, ilatyň jan saglygy, ilkinji nobatda, ýurtda alnyp barylýan ykdysady syýasata öz täsirini ýetirýär, adam maýasy ykdysadyýetiň ähli ulgamlaryny herekete getirmekde, ösüşi çaltlandyrmaga ýardam berýän innowasion tehnologiýalary dolandyrmakda we durnukly ykdysady, durmuş ýagdaýlaryny emele getirmekde aýratyn hyzmaty ýerine ýetirýär. Hut şonuň üçin hem Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen «Gün tertibi – 2030-yň» 3-nji maksady «Sagdyn durmuş ýörelgesini üpjün etmek we ähli ýaşdakylaryň abadançylygyna ýardam bermek» diýlip atlandyrylýar.

**Arçmanberdi ÝAZYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# AHALTEKE ATLARY halkymyzyň milli buýsanjy

*Sahawatly türkmen topragy ähli döwürleriň we halklaryň iň gowy bedewleriniň ýetişdirilýän mekanydyr. Olaryň şöhraty Ýer ýüzüne ýaýrapdyr. Türkmen seýisleri köp asyrlaryň dowamynda aňyrdan batly çapyp gelýärkä, pessaýlap uçup gelýän garlawajy ýadyňa salýan bedewleri ýetişdirmek maksady bilen, olaryň taýçanaklaryny saýlap alyp hem-de tohum arassalygyny gorap saklap, dünýä atşynaslygynyň täjine öwrülen atlaryň aýratyn täsin tohumyny döretdiler.*

Türkmenler gadymy döwürlerden başlap, bedewlere tälim bermegiň netijeli tilsimlerini işläp taýýarlapdyrlar. Olaryň hili diňe bir at çapyşyklarynda däl-de, eýsem, agyr söweşlerde hem, haçan-da, ata-babalarymyz ata Watan ugrunda söweş meýdanlaryna çykanlarynda hem synagdan geçipdir. Ahalteke bedewi edermen türkmen ýigitleriniň wepaly hemrasy bolupdyr. Bu barada diňe bir köpsanly rowaýatlar we hekaýatlar däl-de, häzirki günlere çenli saklanyp galan daşary ýurtly awtorlaryň taryhy ýazgylary hem şaýatlyk edýär. Olar türkmeniň behişdi bedewleriniň haýran galdyryjy wepadarlygy barada ýazgylaryny galdyrypdyrlar.

At çapyşyklary türkmen toýlarynyň we baýramçylyklarynyň bezegidir, olaryň netijesinde ahalteke bedewleri hemişe ajaýyp türgenleşdirilen beden taýýarlygynda bolup, uzak aralyklara ýörişlere hem çydamly bolupdyrlar. Biziň günlerimizde sportuň iň gyzykly we özüne çekiji milli görnüşleriniň biri bolan at çapyşyklary ägirt uly meşhurlyga eýedir.

Milli taryhy-medeni mirasymyzy aýawly saklamak hem-de dünýä ýaýmak ýurdumyzda yzygiderli durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup, ahalteke bedewleriniň seçgiçilik işlerini ösdürmek, bu täsin tohumy has-da kämilleşdirmek barada geçirilýän giň gerimli işler hem onuň möhüm bölegine öwrüldi.



Häzirki wagtda ahalteke bedewi dünýäde meşhur tohumlaryň biri bolup, ýurdumyzyň seçgiçileriniň alyp barýan işleriniň esasynda arassa ganlylygynyň saklanmagy netijesinde, biziň günlerimize çenli özüniň asyl keşbini saklap geldi.

Ahalteke atlarynyň tapawutly aýratynlyklarynyň biriniň hem ýitirilmezligi üçin olary diňe hünär derejesinde köpeltmek zerur bolup durýar. Bu ugurda halkara hyzmatdaşlara ähmiýetli orun berilýär. Hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça ýöriteleşdirilen edarasy – ÝUNESKO we beýleki iri guramalar, şol sanda daşary ýurtlaryň assosiasiýalary, şeýle hem dünýäniň dürli döwletlerinden ýuridik şahslar we hususy atşynaslar bilen uzakmöhletli hyzmatdaşlyk ýola goýulýar.

Soňky ýyllarda döwlet derejesinde aýratyn ähmiýet berilmegi bilen, halkymyzyň milli gymmatlygyna hem-de buýsanjymyza öwrülen ahalteke atlaryny ösdürip ýetişdirmek, köpeltmek, tohum arassalygyny gorap saklamak we ata-babalarymyzdan gelýän atşynaslyk sungatymyzy dowam edip, ýaş nesillerimize ýetirmek, olarda bedewlerimize bolan söýgini artdyrmak ugrunda giň möçberli işler durmuşa geçirilýär.

Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda Türkmen bedewiniň milli baýramy giňden we dabaraly bellenilip geçilýär. Bu bolsa ýurdumyzda ahalteke atlarynyň baş sanyny köpeltmäge, tohumçylyk we seçgiçilik işlerini alyp barmaga we gadymy nesil ugurlaryny dikeltmäge hem-de ýaýratmaga, halkara derejesinde sergileri we bäsleşikleri geçirmäge doly mümkinçilik berýär.

**Akjagül HALLYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky harby institutynyň uly mugallymy.*

# BILIM – ösüşleriň çyragy

***Garaşsyz, baky Bitarap döwletimizde döwrebap bilim we ylym ulgamlaryny dünýä derejesinde ösdürmäge uly ähmiýet berilýär. Olar jemgyýetiň durmuş-ykdysady, ruhy hem-de medeni ösüşlerini kesgitleýän binýatlaýyn ugurlardyr. Bilim, ylym ulgamlarynyň kämilleşdirilmegi olaryň täze şertlere we talaplara uýgunlaşmagyny şertlendirýär.***

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan bilim özgertmeleriniň esasynda türkmen ýaşlary häzirki wagtda döwrebap bilim we kämil terbiýe alýarlar. Ýaşlaryň alýan bilim-terbiýesi olaryň gözýetimini giňeltmäge, bilim derejesini ýokarlandyrmaga, bilim edaralaryndaky okuw-terbiýeçilik işini kämilleşdirmäge, watançylyk duýgusyny ýokarlandyrmaga, ata Watanyň mundan beýläk-de gülläp ösmegine mynasyp goşant goşmaga mümkinçilik berýär.



Watanymyzyň islendik pudagynda ýokary netijeleri gazanmak, esasan, bilim ulgamynyň mundan beýläk hem ösüşine, ýurduň intellektual kuwwatynyň artmagyna bagly bolup durýar. Mälim bolşy ýaly, ähli pudaklara batly depginler bilen ornaşdyrylýan sanly ulgam bilim beriş edaralary üçin häsiýetli aýratynlyga eýedir. Sanly ulgam ýaş nesle berilýän bilimiň hilini ýokarlandyrmakda, innowasion tehnologiýalaryň dürli ugurlaryndan baş çykarýan kämil hünärmenleriň taýýarlanylmagynda, ýurdumyzyň geljekki ösüşiniň innowasion kuwwatyny artdyrmakda möhümdir.

Ýaşlaryň dünýä derejesinde bilim almagy hem-de olaryň kämil hünärmenler bolup, ýurdumyzyň ykdysady, syýasy, medeni ösüşlerine mynasyp goşant goşmagy üçin mümkinçilikler döredilýär. Olaryň häzirki zaman tehnologiýalaryny netijeli ulanyp bilmeklerini gazanmak üçin uly tagallalar edilýär.

Ýakynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti bilen Aman Kekilow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň arasynda Türkmenistanyň ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň arasynda bilim hyzmatdaşlygyny üpjün etmek hem-de ösdürmek, şeýle-de «Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» bilim ulgamynyň kämilleşdirilmegi bilen bagly kesgitlenen wezipeleriň durmuşa geçirilmegine bagyşlanyp göni wideoaragatnaşyk arkaly okuw-usuly maslahat geçirildi.

Ugurdaş ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň hem-de talyp ýaşlarynyň gatnaşmagynda geçen bu okuw-usuly maslahat orta hünär okuw mekdebine ýaş nesle bilim we terbiýe bermek işinde netijeli usullary peýdalanmaga ýardam etmek, orta mekdeplerde okuw we terbiýeçilik işlerini täsirli ýola goýmakda okuw-usuly maslahatlary bermek ýaly meseleleri özünde jemledi.

Bilim bermegiň usulyýetini kämilleşdirmek hem-de berilýän bilimiň hilini ýokarlandyrmak ýurdumyzyň senagat taýdan ösmegine, ähli pudaklaryň tehnologik enjamlar bilen üpjünçiligine, sanly ykdysadyýeti kemala getirmäge, bu ugurda zähmet çekjek hünärmenleri taýýarlamaga ýardam berýär. Ýurdumyzyň bilim ulgamynyň ähli derejedäki bilim berýän ojaklarynyň işini kämilleşdirmek, sanly serişdeleri giňden peýdalanmak, berilýän bilimiň derejesini has-da ýokarlandyrmak esasy wezipe bolup durýar.

**Sona ALIMOWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň iňlis diliniň fonetikasy we leksikologiýasy kafedrasynyň mugallymy.*

# ÝAŞLAR – Watanymyzyň geljegi

*«Halkyň Arkadagly zamanasy» ýyly bedew bady bilen Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe şu günki ýaşlaryň nurana geljegini kepillendirýär. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň 11-nji fewralda geçirilen mejlisinde kabul edilen 30 ýyllyk maksatnama türkmen ýaşlaryna bagtly geljegi buşlaýar. Şol bagtly geljegiň binýady bolsa hut şu günlerden tutulýar.*

Gahryman Arkadagymyzyň türkmen ýaşlarynyň döwrebap derejede bilimli we hünärli bolmagy üçin döredip beren şertleri ajaýyp döwrümizde hormatly Prezidentimiz tarapyndan dowam etdirilýär. Arkadagly Serdarymyz iň ýokary döwlet wezipesine saýlanansoň geçiren ilkinji Hökümet mejlisinde milli ylym we bilim ulgamlaryny yzygiderli kämilleşdirmegi, hususan-da, ýokary hünärli ýaş işgärleri – alymlaryň täze neslini taýýarlamagy, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmegi berkarar döwletimiziň özgertmeleri amala aşyrmak syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda görkezdi.



Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýaş nesil üçin edilýän aladalara ýurdumyzyň karz edaralary hem öz mynasyp goşandyny goşýarlar. Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky hem ýaşlaryň bilim almaga höweslenmegini, olaryň hünärleriniň kämilleşmegini nazarda tutup, öz müşderilerine «Talyp karzy» atly bank karzyny hödürleýär.

«Talyp karzy» ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplaryň diňe degişli okuwynyň tölegini tölemek üçin nagt däl görnüşinde berilýär. Müşderiler öz islegine görä, karzyň doly möçberini ýa-da bölekleýin alyp bilerler.

Karzyň bu görnüşinden peýdalanmak üçin ýüztutmalary onlaýn görnüşinde berip bilerler. Munuň üçin bankyň www.dayhanbank.gov.tm resmi saýtyna girmek we degişli öýjükleri doldurmak ýeterlikdir.

Ýeri gelende aýtsak, öz işlerini barha döwrebaplaşdyrýan Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky öz müşderilerine karzlaryň dürli görnüşlerini hödürleýär. Ýeňillikli usulda we uzak möhletleýin berilýän karzlar boýunça bank bilen hyzmatdaşlyk saklaýan müşderilerimiziň sany ýyl-ýyldan artýar. Bankda we onuň müşderilerinde hasaplaşygyň nagt däl görnüşi boýunça hem baý tejribäniň toplanandygyny aýtmak gerek. Nagt däl hasaplaşygy höweslendirmek maksady bilen, bank «Keşbek» hyzmaty yzygiderli ýerine ýetirýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda goýlan maksatlar, ýetilmeli belent sepgitler her birimiziň jogapkärçiligimizi artdyrýar. Geljekde hem ýurdumyzda alnyp barylýan döwletli işlere mynasyp goşant goşup zähmet çekmek karz edaralarynyň işgärleri üçin belent mertebedir. Işlerimize ýakyndan goldaw berýän, olaryň dünýäniň ösen talaplaryna laýyk gelmegi üçin aladalanýan hormatly Prezidentimiziň janynyň sag, başynyň dik bolmagyny arzuw edýäris!

**Altyn DURDYÝEWA,**
*Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň Amallara gözegçilik we maliýe monitoringi bölüminiň baş hünärmeni.*

# Filippinlerde Prezident saýlawlary

**9-njy maýda Filippinlerde Prezident we wise-prezident saýlawlary geçiriler. Bu ses berişlik ýurtda 1935-nji ýyldan bäri 17-nji Prezident saýlawlary hem-de 16-njy wise-prezident saýlawlary bolar. Prezident saýlawlaryna alty dalaşgäriň gatnaşýandygy habar berilýär. Boksçy Menni Pakýao hem bu syýasy çärä gatnaşýar. 42 ýaşly Pakýao ýurduň dolandyryjy «Filippinleriň demokratik partiýasy – Halkyň güýji» partiýasyna wekilçilik edýär. Boks boýunça öňki dünýä çempiony 2016-njy ýyldan bäri ýurduň parlamentinde senator bolup işleýär.**

**Häzirki Prezident Rodrigo Duterte diňe wise-prezidentlige dalaş edýär, sebäbi Filippinleriň Konstitusiýasyna laýyklykda, döwlet ýolbaşçysy iki gezekden artyk prezidentlige dalaş edip bilmeýär. Menni Pakýao sekiz agram kategoriýasynda iň ýeňil agramdan başlap, orta agrama çenli dünýä çempiony bolan ilkinji we ýeke-täk boksçudyr. Ol professional karýerasynda 72 gezek tutluşyp, 62 gezek ýeňiş gazandy, sekiz gezek asgyn gelip, iki gezek deňme-deň tamamlady.**

**Ýurtda Prezidentiň we wise-prezidentiň saýlawlary aýratyn geçirilýär. Şeýlelik bilen, ýeňiji bolan iki dalaşgär dürli syýasy partiýalara degişli bolup biler.**

**Ilaty 109 milliondan agýan Filippinler Respublikasy Günorta-Gündogar Aziýanyň ada döwletidir.**



**Ilat sany boýunça dünýäde 12-nji, tutýan meýdany boýunça 72-nji orny eýeleýär. Ýurduň paýtagty Manila bolup, Keson-Siti iň uly şäherleriniň biridir. Iňlis we filippin dilleri ýurduň resmi dilleri bolup durýar. Ýurt 81 welaýata bölünýär. Filippinler 1898-nji ýylyp 12-nji iýunynda Garaşsyzlygyna eýe boldy.**

# Fransiýa saýlawlaryň öňüsyrasynda

Fransiýada geçiriljek Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyryna sanlyja gün galdy. Dalaşgärleriň ikisi – Respublikanyň häzirki Prezidenti Emmanuel Makron hem-de aşa sagçy Milli bileleşigiň başlygy Marin Le Pen saýlawlaryň soňky tapgyrynyň öňüsyrasynda durlar. Şu günki günde 24-nji aprelde geçiriljek syýasy çärede saýlawçylaryň 53%-den 55,5%-e çenlisiniň Emmanuel Makrona, 44,5%-den 47%-e çenlisiniň bolsa, Marin Le Pene ses bermäge taýyndygy belli boldy.



Saýlawçylaryň aglabasyny, esasan, ýurduň ykdysady hal-ýagdaýy hem-de howanyň üýtgemeginiň öňüni almak babatda dalaşgärleriň haýsy çäreleri amala aşyrmakçy bolýandyklary gyzyklandyrýar.

– Men hiç haçan howanyň üýtgemeginiň ýaramaz netijelerine biparh garamadym, maksatnamalarymyň esasy bölegi hem daşky gurşawy we ekologiýany goramaga gönükdirilen – diýip, Marine Le Pen tarapdarlarynyň öňünde eden çykyşynda belledi.

Emmanuel Makron Marsel şäherinde guralan saýlawlaryň öň ýanyndaky ýygnanyşykda daşky gurşaw we howanyň üýtgemegi meselesi barada giňişleýin çykyşynda şeýle diýdi:

– Biz biodürlüligi goramagyň hötdesinden geldik, öňümizdäki bäş ýylda bolsa, kömürturşy gazynyň zyňyndylaryny 12%-e çenli azaltmak üçin tagallalarymyzy gaýgyrmarys. Biz bu meselelerde geçen döwürlerde has çynlakaý ösüş gazandyk.

Ümsümlik gününden öň dalaşgärleriň her birisi saýlawlardan öňki iki sany ýygnagyny geçirer.

# DÜNÝÄ HABARLARY

## gysga setirlerde

► **12 ýyllyk orta bilime geçiler.** Gyrgyzystan 2023-2024-nji okuw ýylyndan başlap 12 ýyllyk orta bilime geçer diýip, ýurduň Bilim we ylym ministrligi habar berýär. Maglumatlara görä, mekdebe taýýarlyk toparyň 1-nji synpa öwrülmegi bilen, 12 ýyllyk orta bilim emele geler.



► **Hatly çüýşe iki ýylda ýetdi.** Amerikaly Wiktoriýa Keý 2020-nji ýylyň ýanwarynda ýurduň Sent-Saýmon şäherine baranda çüýşä hat salyp, ummana taşlaýar. Elektron salgy hem goýlan hatly çüýşäni fransiýaly Martina Bosk iki ýyldan soň tapandygyny habar beripdir. Indi olar golaý wagtda duşuşmak kararyna gelipdirler.



► **Iň gowy kiçi smartfonlar belli boldy.** «Android Central» neşiri iň gowy smartfonlary saýlady. Iň gowy gurluş «Google Pixel 6», iň gowy eplenýän smartfon «Samsung Galaxy Flip 3», iň ykjam gurluş «Asus Zenfone 8» boldy. «Apple»-niň ulanyjylary üçin «iPhone SE» öňe saýlandy. Iň elýeterli enjam bolsa, 200 dollara düşýän «Moto G Fast» boldy.



► **Wirtual walýuta döretmekçi.** «Meta» kompaniýasynyň maliýe bölümi «metawers» dünýäsi üçin kompaniýanyň içindäki işgärler tarapyndan «Zuck Bucks» atly wirtual walýutasyny döretmek mümkinçiligine garaýar. «Meta» alternatiw girdeji çeşmelerini we ulanyjylary özüne çekip, saklap biljek täze funksiýalary gözleýär.




► **Ýylda 2 million elektromobil.** Ýaponiýanyň «Honda» kompaniýasy 2030-njy ýyla çenli elektromobil önümçiliginiň ýyllyk görkezijisini 2 milliondan geçirmegi meýilleşdirýär. Şeýle-de, «Honda» elektromobilleriň 30 sany täze görnüşini hödürlemegi göz öňünde tutýar. Bu maksada ýetmek üçin 63,7 trillion dollar möçberinde maýa goýlar.



► **Garaňkylykda saýgarýan sensorlar.** Ýaponiýada garaňkylykda obýektleri tapawutlandyrmaga ukyply täze sensorlar işlenip düzülýär. Şeýle gurluşlary sürüjisiz ulag serişdelerinde ulanmak bolar. «Toshiba»-nyň işläp düzen sensorlary garaňkylykdaky obýektleri 300 metrden tanasa, «Canon»-yňky onuň reňkini anyklamaga ukyplydyr.



► **«Toyota» önümçiligini azaldýar.** Ýaponiýanyň «Toyota Motor» kompaniýasy maý aýynda dünýädäki zawodlarynda awtoulag önümçiligini 700 müňe çenli ýa-da ilkibaşda meýilleşdirilen derejeden 10% azaltmakçy. Maý aýynda «Toyota»-nyň daşary ýurtlardaky zawodlarynda 500 müň ulag öndürilip, bu 100 müň birlik azdyr.



► **Iti gezim etdirmek üçin robot.** Ýaponiýada itleri gezim etdirmek üçin niýetlenen robot döretdiler. Täze enjam tigirçekli platforma bolmak bilen, onuň öň we yz tarapynda goşmaça paneller ýerleşdirilendir. Robotyň itleriň boýunbagyny dańmak üçin ýörite berkitmesi hem bolup, ony robotyň özi sazlaýar.



► **Gün energiýasyny toplaýan ulgam.** Şwesiýanyň Çalmers uniwersitetiniň we Şanhaý uniwersitetiniň inženerleri Gün energiýasyny özüne alyp, ony 18 ýyla çenli saklamaga ukyply energetika ulgamyny oýlap tapdylar. Ol ekologiýa taýdan arassa bolup, kömürturşy gazynyň bölünip çykmasy ýokdur.



# Dünýäniň iň insiz binasy

Nýu-Ýorkda dünýäniň iň özboluşly binalarynyň biri bolan iň insiz diň guruldy. «Dezeen» žurnalynyň ýazmagyna görä, bu iňňepisint diň Manhetteniň merkezinde, «111 West 57th Street» salgysynda ýerleşýär. Onuň beýikligi 435 metre deň bolup, Günbatar ýarym şarynda iň beýik ikinji binadyr. Beýikligiň binýadyň meýdanyna bolan gatnaşygy 24:1 deň.

«Billionaries Row»-yň baş edarasynyň wekilleri bu diňiň gurluşygy barada 2013-nji ýylda mälim edipdi. Bir ýyldan soň onuň gurluşygyna başlandy, ýöne 2017-nji ýylda maliýe ýagdaýlary sebäpli bu taslama wagtlaýyn togtadyldy. Bu diňiň taslamasy «ShoP Architects» binagärlik kompaniýasynyň arhitektorlary tarapyndan işlenip düzüldi. Bu binagärlik kompaniýasynyň maglumatlaryna görä, bu diň dünýädäki iň berk betondan guruldy.

Gök binanyň gündogar we günbatar fasadlary bürünçden ýasalan gyzylymtyl-goňur reňkli plitalar bilen örtülendir, aýna diwarlary demirgazykda Merkezi seýilgähe we günortada aşaky Manhettene tarap öwrülýär. Interýerini «Sofield» studiýasy ýerine ýetirdi.

– Nýu-Ýorkda täze bir gökdiräniň peýda bolmagy bizi diýseň buýsandyrýar – diýip, «SHoP Architects» binagärlik kompaniýasynyň müdiri Gregg Paskarelli aýtdy.

Taslamany durmuşa geçiren kompaniýa binýadynda diň bilen ýanaşyk ýerleşýän 1925-nji ýyldaky «Steinway



Hall» binasyny hem abatlady. Netijede, diňdäki we oňa ýanaşyk ýerleşýän «Steinway Hall»-daky rezidensiýalaryň sany 60-a ýetýär. Diňde eýýäm ýaşamak mümkin. Binada 25 metrlik basseýn we beýleki naýbaşy amatlyklar, şol sanda aýratyn naharhana we eýwanly fitnes merkezi bar.

# Sammit Waşingtonda geçiriler

12-13-nji maýda Waşingtonda Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary bileleşiginiň (ASEAN) we Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda ýörite sammit geçiriler. Bu barada Ak Tamyň metbugat sekretary Jen




Psaki tarapyndan ýaýradylan beýanatda mälim edilýär. «ABŞ-nyň Prezidenti Jozef Baýden 12-13-nji maýda Waşingtonda guraljak ABŞ-ASEAN sammitinde ASEAN-yň liderlerini kabul eder» diýlip, beýanatda bellenilýär.

Jen Psaki 2021-nji ýylyň oktýabr aýynda Baýdeniň ABŞ-ASEAN sammitine onlaýn ýagdaýda gatnaşandygyny we saglygy goraýyş, ykdysadyýet, howa we koronawirus pandemiýasyna garşy göreşde bu bileleşik bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek boýunça başlangyçlar üçin 102 million dollar bölünip berlendigini mälim etdi.

«Jozef Baýdeniň administrasiýasy we ABŞ-nyň wise-prezidenti Kamala Harris üçin ilkinji nobatda ABŞ-nyň Günorta-Gündogar Aziýada ygtybarly hyzmatdaş bolmak» diýip, Jen Psaki belledi. Onuň sözlerine görä, Waşington «Hindi-Ýuwaş umman sebitiniň erkin, açyk, howpsuz, agzybir we durnukly bolmagyna tagalla edýär».

Şu ýylyň 28-29-njy martynda Waşingtonda ABŞ we ASEAN ýurtlarynyň 10-synyň gatnaşmagynda ýörite sammit geçirilmelidi, ýöne ol yza süýşürildi. ASEAN-yň habaryna görä, sammitiň yza süýşürilmegi birleşige käbir agza döwletleriň ýolbaşçylarynyň ozalky ylalaşylan wagtda gatnaşyp bilmeýändikleri bilen baglanyşykly.

1967-nji ýylda esaslandyrylan Günorta-Gündogar Aziýa döwletleriniň bileleşigi (ASEAN) 10 ýurduň sebitleýin, syýasy, ykdysady we medeni guramasydyr. Bu guramanyň düzümine Taýland, Malaýziýa, Singapur, Indoneziýa, Filippinler, Wýetnam, Laos, Kamboja, Bruneý we Mýanma ýaly döwletler girýär.

# Ýylyň abraýly 100 kompaniýasy

ABŞ-nyň «Time» žurnaly ýylyň iň abraýly 100 kompaniýasynyň sanawyny mälim etdi. Oňa saglygy goraýyş, güýmenje, tehnologiýa we beýleki ugurlarda işleýän guramalar girdi. Neşir dürli ugurlarda iş alyp barýan hünärmenlerden iň möhüm işewür kompaniýalary saýlamagy haýyş etdi. Olara dünýä ýetirýän täsiri, täzelikçilligi hem-de gazanýan üstünlikleri ýaly birnäçe ugurlar boýunça baha berildi.

Netijede, 100 kompaniýa bellige alnyp, olar «Pionerler», «Titanlar», «Liderler», «Täzelikçiler» we «Böwsüp geçijiler» ýaly toparlara bölündi. Mediýa kompaniýasy «Kaling International» (aktrisa Mindy Kalingiň eýeçiliginde), NFT-platformasy «Opensea» we kosmos syýahatçylyk kompaniýasy «Axiom Space» birinji kategoriýa girdi.

«Titanlar»-yň arasynda «Amazon», «Pfizer», «Alphabet», «United Airlines», «Maersk», «Ford», «Meta», «Microsoft», «Apple», «Walmart», «Nvidia», «Disney» we «Netflix» bar. «Liderler»-iň sanawynda bolsa «Hybe» (BTS toparynyň eýeçiliginde), «Spotify», «Airbnb», «Alaska Airlines», «Sony», «Balenciaga», «Reddit», «Revolut» we «Sotheby's» ýaly ses ýazgy edýän kompaniýalar bar.

«Täzelikçiler» toparynda bolsa, «Moderna», «Grammarly»




taslamasy, zenanlaryň onlaýn-jemgyýeti «Peanut» we ösümlik esasly süýt önümçiligi kompaniýasy «Perfect Day» bar.

«Engine No.1», «TikTok», AMC kinoteatr zynjyry, onlaýn satyjy «Sheyn» we programma üpjünçisi «NSO Group» ýylyň esasy «Böwsüp geçijileri» hökmünde ykrar edildi.

# «Forbes»-iň täze sanawy

«Forbes» žurnaly 2022-nji ýylyň iň ýaş milliarderleriniň girdejilerini mälim etdi. Olaryň umumy baýlygy 25,8 milliard dollara barabar boldy. 30 ýaşdan kiçi milliarderleriň sanawynda 12 adam bolup, olaryň arasynda özbaşdak gazanç eden täze milliarderler hem göze ilýär. Şeýlelikde, sanawyň başyny Sem Bankman-Frid bilen bilelikde FTX kriptowalýuta biržasyny esaslandyran 29 ýaşly amerikaly Geri Wan (5,9 milliard) çekdi. Bu birža 2019-njy ýyldan bäri işläp, onuň gündelik tranzaksiýasynyň mukdary 15 milliard dollara ýetýär.

Sanawyň ikinji ornuny «Bolt» onlaýn tölegi üçin serwis döretmek maksady bilen Stenford uniwersitetini terk eden 27 ýaşly Raýan Breslou eýeledi.




Onuň baýlygynyň 2 milliard dollara deňdigi çak edilýär. Bu sanawyň üçünji ornuny her birisi 1,5 milliard dollara eýe bolan Pedro Françeski we Enrike Duburgas eýeleýär. Olar häzirki wagtda bahasy 12,3 milliard dollara deň bolan «Brex» atly kredit kartoçkasyny çykarmak bilen meşgullanýan kompaniýanyň işini ýola goýdular.

12 milliarderiň bäşisi öz emlägini miras aldy, ýedisi özbaşdak biznesi ösdürdiler. 30 ýaşdan kiçi milliarderleriň geçen ýylky sanawynda 10 adam bolup, olaryň umumy baýlygy 2022-nji ýyldaky toparyň baýlygyndan 3,7 milliard dollar köpdi. «Forbes»-iň dünýäniň iň baý adamlarynyň umumy sanawynda ilkinji gezek «Tesla» we «SpaceX» kompaniýalaryny esaslandyryjy Ilon Mask birinji orny eýeläp, onuň baýlygy 219 milliard dollara ýetdi.

# Smartfon eksportyny ýokarlandyrar

Häzirki 2021-2022-nji maliýe ýylynda (31-nji martda tamamlandy) Hindistanyň smartfon eksporty öňki ýyl bilen deňeşdirilende 85% ýokarlandy we 5,6 milliard dollardan geçdi. Bu barada Hindistanyň öýjükli aragatnaşyk serişdelerini we elektron harytlaryny öndürijileriň assosiasiýasy (ICEA) habar berdi.




– Dünýäde emele gelen çylşyrymly ýagdaýlar, şol sanda mikroshemalaryň we ýarym geçirijileriň üpjünçilik zynjyryndaky düýpli kynçylyklara garamazdan, eksportuň uly ösüşi gazanylýar – diýip, assosiasiýanyň ýolbaşçysy Pankaj Mahindru belleýär.

– Mundan ozal, Hindistan özüniň smartfon eksportyny Günorta Aziýanyň, Afrikanyň, Ýakyn Gündogaryň we Gündogar Ýewropanyň ýurtlaryna gönükdirýärdi. Häzirki wagtda bu önümleriň üpjünçiligi üçin günbatar ýurtlarynyň we Aziýanyň uly döwletleriniň bazarlary ileri tutulýar. Smartfon eksportynyň ösüşi Hindistanyň daşary ýurtlara çig mal harytlaryny satmakdan, ösen senagat pudaklary tarapyndan öndürilen ýokary tehnologik önümleriň üpjünçiligine kem-kemden geçýändigini görkezýär – diýip, Mahindru belledi.

Hindistan smartfon çykarmak boýunça önümçilik bazasyny ýokarlandyrmak üçin «Samsung», «Foxconn» we «Pegatron» ýaly kompaniýalar bilen hyzmatdaşlygy işjeň ösdürýär.

# GÜN PANELLI AWTOBUSLAR

Häzirki wagtda Germaniýada «Sion» ulaglaryny işläp taýýarlaýjy we olaryň geljekki öndürijisi, «Sono Motors» kompaniýasy Mýunheniň jemgyýetçilik ulag gullugy bilen bilelikde üçeginde panel berkidilen ýolagçy awtobusyny synagdan geçirýär. Ulagyň depesindäki paneller ýangyjy tygşytlar we $CO^2$-niň atmosfera zyňylmagynyň derejesini peselder. Şäheriň howasy arassa bolar, ulanyşa we hyzmata edilýän çykdajylary azaldar.

«Sono Motors»-yň hasaplamalaryna görä, awtobusyň tirkegi, aslynda, şol bir awtobus bolup, diňe sürüjisiz we berk sepleşdiriji ulgam arkaly öňdäki awtobusa berkidilýär. Bu bolsa öz gezeginde ýylda 2500 litr dizel ýangyjyny tygşytlamaga mümkinçilik berer. Umuman alanyňda, tirkegiň ýangyç üpjünçiliginiň belli bir böleginiň Gün energiýasyna geçmegi bilen bu ulag serişdeleriniň her biri $CO^2$ zyňyndylaryny ýylda 6,5 tonna azaldar. Bu bolsa 300 awtobusly parka tygşytly bolmaga we ekologiýa arassalygyna täsirini ýetirmäge mümkinçilik berer.

Awtobusyň üçegindäki Gün energiýasy ulgamynyň umumy meýdany 12 $m^2$ bolup, 20 sany çeýe panelden ybaratdyr. Panelleriň iň ýokary güýji 2000 watt bolup, 24 woltluk batareýa bufer hökmünde hereket edýär. Energiýa saklaýyş we sarp ediş ulgamynyň guratdygy, batareýanyň ulanyş möhletiniň uzakdygy bellenilýär. Gün ener-



giýasy bortdaky gurallarda, şol sanda tirkegiň rulynda, şeýle hem sowadyjy, ýyladyş we howa çalşygy ulgamynda ulanylýar.

Häzirki wagtda Mýunhende käbir ugurlarda Gün energiýasy bilen işleýän tirkegleri ornaşdyrmak üçin ygtyýarnamalar taýýarlanýar. Ulag kompaniýasy we häkimiýetler öndürijiniň tassyklaýan peýdasyna iş ýüzünde göz ýetirmek isleýärler. Şeýle-de, synag işleriniň çäklerinde Gün energiýasyny öndürmek üçin geljegi uly ugurlar hem kesgitlenilýär.

# Botanika sungatynyň sergisi

Londonyň «Saatchi» galereýasynda guralýan ösümlik suratlarynyň sergisi, dünýäniň dürli künjekleriniň hünärmenleriniň we höwesjeňleriniň işlerini bir ýere jemlän Korol bagbançylyk jemgyýeti tarapyndan köpçülige hödürlenýär. Bu ýerde dürli reňkli göze ýakymly ösümlikleriň hem-de bag gülleriniň suratlaryny synlap bolýar.

Bagbançylyk jemgyýetiniň işgäri Şan Tirreliň pikiriçe, soňky döwürde suratçylaryň ösümliklere bolan gyzyklanmasy has-da artdy. Adamlar özleriniň döredijilik ukyplaryny ýüze çykarmak maksady bilen surata düşürjek zatlaryny gözleýärler. Ösümlikleri bolsa, hemme ýerde tapyp bolýar. Amerikaly binagär Sanjaý Jani hem surata almak işleri bilen meşgullanýar. Ol öz bagynda we açyk tebigatda synlan dürli ösümlik reňklerine haýran galýar.

– Gowy arhitektura bezegleriniň sizi özüne ýesir edişi ýaly, ösümlik dünýäsi hem köpleri özüne bendi edýär. Adatça, olar özüniň nepisligi bilen imrindirýär. Ösümlikler we güller dünýäsi bilen içgin iş salşanymyzda öň pikir etmedik gözelliklerimiz bilen ýüzbe-ýüz bolýarys – diýip, Sanjaý Jani belledi.

Ýaponiýaly suratkeş Misuko Kuraşinanyň çeken suratlarynda öz sebitlerinde ösýän täsin kenarýaka ösümlikleri şekillendirilýär. Iňlis suratkeşi Naýjel



Pikering bolsa, And daglarynda we demirgazyk Patagoniýada ösýän ösümlikleriň aýratynlyklaryny şekillendirdi.

Ähli işler çynlakaý gözden geçirilip, saýlanyp alyndy. Olaryň iň gowulary altyn, kümüş we bürünç medallara eýe bolup, aýratyn öwgä mynasyp boldular. Londonyň «Saatchi» galereýasynda guralýan botanika sungatynyň we fotosuratlaryň sergisi 29-njy aprele çenli açyk bolar.

# TARYHDA ŞU GÜN

**1838-nji ýylyň 22-nji aprelinde Atlantik ummanyndan durman geçen ilkinji gämi ABŞ-nyň Nýu-Jersi ştatynyň Sandi-Huk aýlagynda labyr taşlady. Iňlis poçta ýolagçy gämisi «Sirius» 4-nji aprelde Irlandiýanyň Kuinstaun şäherinden ýola düşdi. Syýahat 18 gün 10 sagat dowam etdi.**





Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# Tolstoýyň 200 ýyllygy bellener

Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putin 2028-nji ýylda meşhur rus ýazyjysy Lew Tolstoýyň doglan gününiň 200 ýyllygyny bellemek baradaky karara gol çekdi. Bu resminama Russiýanyň kanuny maglumatlarynyň resmi internet portalynda mälim edildi.



«L. N. Tolstoýyň milli we dünýä medeniýetine goşan goşandyny göz öňünde tutup we 2028-nji ýylda doglan gününiň 200 ýyllygy bilen baglanyşykly karar edýärin: Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň 2028-nji ýylda Lew Tolstoýyň doglan gününiň 200 ýyllygyny bellemek baradaky teklibini kabul ediň» diýlip, resminamada bellenilýär.

Mundan başga-da, Russiýa Federasiýasynyň Hökümetine baýramçylyga taýýarlyk görmek üçin guramaçylyk komitetini döretmek we onuň düzümini tassyklamak, şeýle hem alty aýyň içinde esasy çäreleriň meýilnamasyny düzmek we tassyklamak tabşyryldy.

«Russiýa Federasiýasynyň sebitleriniň döwlet edaralaryna we ýerli häkimiýetlere Lew Tolstoýyň doglan gününiň 200 ýyllygyna bagyşlanan çäreleri taýýarlamak we geçirmek işlerine gatnaşmagy maslahat berýärin» diýlip, kararda bellenilýär.

# Şahyr wezipesi bolar

Germaniýanyň Bundestagynda «parlament şahyry» diýen täze bir wezipe döredilip bilner. Mýunheniň edebiýat jemgyýetinde dörän bu pikiri Bundestagyň wise-prezidenti, ýaşyllaryň wekili Katrin Gering-Ekkardt goldady.

– Şygryýetiň kömegi bilen parlamente janly dil akymyny döredip bolar. Netijede,



bu Germaniýanyň şahyrlaryň we filosoflaryň ýurdy hökmünde at-abraýyny dikeltmäge ýardam berer. Şahyr parlamentdäki wakalara tekst taýýarlar, goşgy okar we parlament üçin medeni ähmiýetli zerurlyklary edinmek üçin teklipler taýýarlar – diýip, hanym Gering-Ekkardt belledi.

Bu pikir, 2001-nji ýyldan bäri şeýle wezipäniň bar bolan ýeri – Kanadanyň mejlisinden alyndy. Şahyryň wezipesine möhüm wakalarda okaljak goşgulary düzmek, köpçülikleýin okaýyşlary guramak we parlament kitaphanasyna alynjak kitaplar barada maslahat bermek girýär. Şahyr wezipesini eýelänlere ýylda 20 müň dollar, syýahat çykdajylary üçin ýene 13 müň dollar hak tölenýär.

ABŞ-da şahyr-laureat wezipesi 1985-nji ýylda Kongresiň kitaphanasynyň ýanynda döredildi. Ol köpçülige niýetlenen leksiýa bilen çykyş edýär, edebi maksatnama boýunça kitaphana wekillerine maslahat berýär we eserlerini edebi fonda goşmaga mynasyp bolan täze şahyrlara maslahat berýär. Esasy maksat bolsa, milletiň edebiýata bolan meýlini ösdürmekdir. Ýeri gelende aýtsak, häzirki wagtda Waşingtonda şahyr-laureat wezipesini amerikaly şahyr zenan, sazanda, dramaturg we ýazyjy Joý Harjo eýeleýär.

Beýik Britaniýada şahyr-laureat wezipesi on ýyl möhlet bilen berlip, 1999-njy ýyldan bäri ömürlik yglan edildi. Ol XVII asyryň başyndan bäri monarh tarapyndan tassyklanan bolsa, häzirki wagtda Britaniýanyň Premýer-ministri tarapyndan hödürlenýär. Däp bolşy ýaly, şahyr-laureat wezipesiniň eýesi Şa maşgalasynyň we tutuş patyşalygyň durmuşynda bolup geçen wakalara ýatdan çykmajak şygyrlar bilen seslenýär.

Biz adamlaryň ýyllyk girdejisini artdyrmaga ýardam berýän «Million dollara çenli girdeji» atly sapaklara başlan wagtlarymyz bu waka hakda ilkinji gezek eşidipdik. Şonda professor bize şeýle gürrüň beripdi:

## Ýol gözlän!



Praýs Pritçett, amerikan ýazyjysy.

– Köplerde bolşy ýaly adam öň ýörelip gataldylan ýoldan ýöremegi gowy görýär; ol dartgynly halda erjellik bilen işleýär, ýöne paýhas we ugurtapyjylyk bilen däl. Durmuşda üstünlik gazanyp, girdejileriňi artdyrmak üçin özüňe zor salyp köp işlemek ýeterlik däl. Iş ýörelgesindäki endik edilen, öwrenişilen ýörelgeleri üýtgetmeli, saklanyp galan endikleri özgerdip, täze, dogry ýoluň gözlegine çykmaly.

Men daş-töweregi sosna agaçlary bilen gurşalan we Torontadan bir sagat uzaklykdaky ajaýyp ýerde ýerleşen «Millcroft» myhmanhanasynyň ähli amatlyklary bolan otaglarynyň birinde otyryn. Tomsuň yssy günleri ýaňy başlapdy. Men oturan oturgyjymdan birnäçe ädim uzaklykdaky durmuş bilen paýhassyz göreşiň sesine gulak asýardym. Kiçijik ary penjirä özüni urup wyzzyldaýardy, gatlagy böwsüp geçmek üçin çynlakaý synanyşyk edýärdi, ýöne uly güýçler ony saklaýardy.

Wyzzyldaýan ganatjyklar onuň eýesiniň maksadyna bütin aýdyňlygy bilen şaýatlyk edýärdi: özüňe zor salyp dartgynly işlemeli, şonda aýnany böwsüp geçip, erkinlige çykyp boljak. Ýöne tagallalar boş ýere sarp edilýärdi we halas bolmak üçin hiç hili umyt ýokdy. Penjire aýnasy bilen göreş gapan ýaly bolup, has-da berk gysýardy.

Ary aýnany böwsüp geçmek üçin özüne agram salyp näçe dyrjaşsa-da, üstünlik gazanmaga mümkinçiligi ýokdy. Ýöne ol aýnany böwsüp geçmek üçin öz öňünde maksat goýupdy we munuň üçin erjellik bilen jan edýärdi. Ary bu aýnanyň ýüzünde ölüp galjaga meňzeýärdi. Otagyň beýleki künjündäki gapy açyk durdy. On sekunt uçuş bilen maksadyňa ýetip, erkinlige çykyp boljakdy. Ganatlaryňy birnäçe gezek kakýarsyň – böwet açylýar we erkinlige çykýarsyň. Göräýmäge juda ýeňil we ýönekeý... Näme üçin ary halas bolmak üçin başga ýol gözlemän penjire aýnasyna özüni urmagyny dowam etdirýär? Eýsem, bu ýoluň geljegi ýok ahyryn. Çünki aryda paýhas ýok we ol öz başaryp biljek işlerini sanap bilmeýär. Arynyň saýlap alan ýoly petige direýär, ýöne ol muňa düşünmeýär.

Üstünlige ýetmek üçin hökman zähmet çekip tagalla edilmeli. Emma özüňe zor salyp işlemäge gönügenlik elmydama dogry netije bermän, adamyň öz öňünde goýan maksatlaryna ýetmekde päsgelçilikleri döredýän halatlary bolýar. Kämahal şeýle düşünje adama zyýan ýetirip, üstünlik gazanmak ugrundaky mümkinçiliklerini peseldip biler. Eýsem, siz haýsy ýoly we pikirleniş usulyny saýladyňyz?

*Taýýarlan* **Hallygül BAKAŞOWA,**
*Balkan welaýatynyň Etrek etrap merkezi kitaphanasynyň kitaphanaçysy.*

# Iň gowy 70 kitap saýlandy



Şa zenany Ýelizawetanyň platina ýubileýine bagyşlanan 70 ýylyň iň gowy kitaplarynyň sanawy düzüldi. Bu barada «The Insider» portaly habar berýär. Bu sanaw «BBC Arts» taslamasy hem-de haýyr-sahawat guramasy «The Reading Agency» tarapyndan geçirilen pikir soralyşyklara esaslanyp düzüldi. Bu sanaw britan Milletler Arkalaşygynyň 54 ýurdunyň okyjylarynyň, kitaphanaçylarynyň we edebiýat bilermenleriniň gatnaşmagynda bäş aýyň dowamynda düzüldi. Sanawa Ýelizaweta II tagtda oturan ýyllarynyň sanyna görä, iň naýbaşy 70 eser saýlanyp alyndy.

Çäräni guraýjylar ilki bilen uzyn sanawa 153 eser girizip, soňra olaryň arasyndan 70 kitaby saýlap aldylar. Çäräni guraýjylar bu kitaplaryň Milletler Arkalaşygynyň dürli sebitleriniň ýazyjylary tarapyndan soňky 70 ýylda döredilen 70 sany ajaýyp, gyzykly eserlerdigini tassyklaýarlar.

Ýelizaweta II platina ýubileýi şu ýylyň iýun aýynda Beýik Britaniýada we Demirgazyk Irlandiýada Şa zenanyň tagta çykmagynyň 70 ýyllygy mynasybetli guralar.

# Paýhaslar

☑ Kynçylyklar sizi yza çekmeli däl-de, arzuwlaryňyzy amala aşyrmak üçin öňe alyp gitmeli.
**Duglas Ewerett.**

☑ Siz öňden bilýänleriňizden daşgary has köp zat etmäge jan etmeseňiz ösüş gazanyp bilmersiňiz.
**Ralf Emerson.**

☑ Durmuşdan gorkmaň! Durmuşyň ýaşamaga mynasypdygyna hem-de ynamyňyza görä size beriljekdigine ynanyň!
**Willýam Jeýms.**

☑ Biz köplenç adamyň eden işleri bilen baha berilýändigini tekrarlaýarys, ýöne käwagt sözüň hem amaldygyny unudýarys. Adamyň sözi hem onuň aýnasydyr.
**Lew Tolstoý.**

☑ Men adamyň iki aýratynlygyna – ruhy ýakynlygyna we şatlyk paýlaýyş ukybyna ýokary baha berýärin.
**Riçard Baç.**

☑ Geçmişden sapak alyň, şu gün ýaşaň, ertire umyt ediň! Durmuşda iň möhüm zat – bu sorag bermegi bes etmezlikdir.
**Albert Eýnşteýn.**

☑ Adamlaryň köpüsi biziň daş keşbimize we bolşumyza görä, diňe käbirleri biziň ruhy aýratynlyklarymyza görä baha berýärler.
**Filip Çesterfild.**

☑ Kim özüne sarpa goýmaýan bolsa, ol betbagtdyr, özünden razy adam akmakdyr.

☑ Hakykat mahal-mahal öçügsilense-de ol hiç haçan sönmeýär.
**Liwiý.**

☑ Söýýän zenan hemme zady bagyşlar, ýöne hiç zady unutmaz.
**Jebran Halil.**

☑ Hakykat hiç mahalam syrly bolup galanok.
**Leonardo da Winçi.**

☑ Kimem bolsa biri hakykatdan ýüz öwürýän bolsa, munuň üçin hakykat däl-de, onuň özi horluk çeker.
**Galileý.**

☑ Dogduk Diýaryň gargasam gözüňe yssy.
**Nemes nakyly.**

☑ Watandan aýrylan adam tohumsyz topraga meňzeýär.
**Arap nakyly.**

☑ Otuz dollar bahasy we üç ýüz dollar bahasy bolan sagat şol bir wagty görkezýär.
**Stiw Jobs.**

## ÇAGALAR

**Daşdeşen agajy oýanynda, onuň çüňküniň hereketiniň tizligi sagatda 40 km/s töweregi bolýar.**

# AGAÇDA ÝAŞAÝAN JANDARLAR

**GUŞ.** Uçýan jandarlaryň ýüzlerçe görnüşi bolup, olaryň köpüsi agaç şahalarynda höwürtge ýasanýarlar. Deňiz kenarlaryndaky kert gaýalarda, çägeliklerde we düzlüklerde höwürtge ýasanýan ýa-da hiç hili höwürtge ýasanmaýan guşlar hem bolýar. Agaçlar dürli jandarlaryň, şol sanda guşlaryň ýaşamagy üçin tebigy täsirlerden we duşmanlaryndan goranmagy üçin şert döredýär. Şeýle bolansoň, guşlaryň ululy-kiçili onlarça görnüşi agaçlardaky köweklerde ýa-da öz ýasan höwürtgesinde ýaşaýarlar.



**BELKA.** Isle ýekejesi ösüp oturan bolsa, isle-de bagyň içinde ýa-da sümme tokaýlykda bolsun, tapawudy ýok, agaçlar ululygyna görä aýratyn ekoulgamy döredýärler. Ýer ýüzünde ýaşaýşyň dowam etmegine uly goşant goşýan agaçlarda guşlar höwürtge ýasanýan bolsa, onuň ýapraklary hem-de gabygy ululy-kiçili jandarlar üçin iýmit çeşmesi bolup hyzmat edýär. Şahadan-şaha böküp gezýän belkalar dünýäniň dürli ýerlerinde ýaşaýarlar. Bu jandarlar diňe adamlardan uzakdaky tokaýlarda däl, eýsem, käbir şäherlerdäki seýilgählerde hem gabat gelýär. Bu enaýyja jandarlar wagtynyň köp bölegini agajyň üstünde geçirýärler. Belkalaryň boýy 18-25 santimetr, guýrugy 14-20 santimetr aralygynda bolýar. Olar, adatça, iýmitlenmek üçin gündizine daşaryk çykýarlar. Dik agaja dyrmaşyp bilýän çalasyn jandarlary kiçi wagty eldekileşdirip hem bolýar. Ýewropanyň Islandiýadan başga ähli ýerinde, Aziýa ýurtlarynyň köpüsinde we Amerikada tebigy ýagdaýda ýaşaýan belkalar agaçlaryň guran şahalarynda, haçjalarynda, daşdeşeniň deşen köweklerinde özlerine öýjagaz ýasanýarlar.



**MAÝMYN.** Köpçülik bolup ýaşaýan bu jandarlar iň akylly haýwanlaryň biri hasaplanýar. Birnäçe görnüşi bolup, aňsatlyk bilen agaja dyrmaşyp hem-de bir agaçdan beýleki bir agaja böküp bilýän maýmynlar şahalaryň arasynda gezenlerinde diňe aýaklaryny däl, eýsem, deňagramlylygyny saklamak üçin guýruklaryny hem ulanýarlar. Adatça gür tokaýlarda ýaşaýan bu jandarlar miwe, ýaprak, mör-möjekler, güller, kiçiräk süýdemdirijiler, süýrenijiler, ýerde-suwda ýaşaýan zatlar bilen iýmitlenýärler. Düzlüklerde, garly daglaryň depelerinde, hatda çölde ýaşaýan görnüşleri hem bolan maýmynlaryň köp bölegi tropik tokaýlarda gabat gelýär. Iň kiçi maýmynyň uzynlygy 15 santimetre, agramy 120 grama barabar.



**ÝALTA HAÝWAN.** Ýer togalagyndaky iň täsin jandarlaryň biri gymyldamagy halamaýandygy üçin şeýle atlandyrylýar. Orta we Günorta Amerikada ýaşaýan bu jandaryň latynça ady: «Bradypus pygmaeus». Günde ortaça 35-40 metr ýöreýän bu jandarlaryň, esasan, iki görnüşi – iki hem-de üç dyrnaklysy bar. Agaçlaryň şahalarynda ýaşaýan bu jandarlar, esasan, ýapraklar we ownuk mör-



möjekler bilen iýmitlenip, iýmitinden alýan energiýasy özi bilen deň jandaryňkydan iki esse azdyr. Bu jandarlar haýal hereket edensoň, bu energiýa olaryň ýaşamagy üçin ýeterlik bolup, iýmitlenmek üçin köplenç gijesine daşaryk çykýarlar. Olaryň üç barmaklysynyň iň kiçi görnüşi diňe Karib deňzindäki Eskudo de Weraguas adasynda ýaşaýar. Örän haýal hereket edýändigine garamazdan, bu jandarlaryň sany azalmandyr. Sebäbi olaryň duşmanlary köp bolsa-da, tutmak aňsat däl. Şeýle hem olaryň derisiniň reňki agaçlaryňka örän meňzeş. Şol ýerde ýaşaýan bürgütleriň gözi näçe ýiti hem bolsa, gaty zerur bolmasa hereket etmeýän bu jandarlary görüp bilmeýär.

**KOALA.** Awstraliýanyň günorgaryndaky we günortasyndaky tokaýlarda ýaşaýan, wagtynyň köp bölegini agajyň üstünde geçirýän bu jandaryň kümüşsöw çal reňkli



tüýi goýnuň ýüňi ýaly ýumşak bolýar. Kengurularyňky ýaly bu jandarlaryň hem haltasy bolýar. Boýy 60-85 santimetr, agramy 4-15 kilogram aralygynda bolýan koalalar hemişe gök öwsüp oturýan ekwalipt agaçlarynyň ýapraklary bilen iýmitlenip, günüň 20 sagadyny uklap geçirýärler.

Bulardan başga-da, mör-möjekleriň dürli görnüşleri, kirpi, panda ýaly beýleki jandarlar hem wagtynyň köp bölegini agajyň üstünde geçirýär.



# Kim, haçan oýlap tapdy?

**ÇEŇŇEK.** Alymlar nämäniň haçan oýlanyp tapylandygyny anyklamak üçin ýa şol zadyň gadymy nusgasynyň haçan ýasalandygyny himiki usul arkaly öwrenýärler, ýa-da şol barada ýazylan maglumatlara salgylanýarlar. Emma ýazuwyň, ýagny hat ýazyp, bellik etmegiň oýlanyp tapylmagyndan ozal döredilen zatlar hem az däl. Bu bolsa, hat peýda bolmazdan ozal ulanylan guralyň näme maksat bilen döredilendigini öwrenmegi kynlaşdyrýar. Şeýle bolansoň, arheologlar saklanyp galan gurallary birleşdirip ýa-da başga ýerlerden tapylan meňzeş nusgalaryny deňeşdirip, olaryň näme maksat bilen ulanylandygyny çaklamaga synanyşýarlar. Şeýle gurallaryň biri bolan çeňňek alymlaryň pikiriçe adamzadyň ösüşine uly goşant goşupdyr.

Maglumatlara görä, ilkinji çeňňekler miladydan 35 müň ýyl ozal peýda bolupdyr. Bu bolsa metallardan gural ýasalyp başlanan döwürden hem ir. Şeýle bolansoň ilkinji çeňňekler süňk, jandarlaryň şahy, agaç ýaly berk we tebigy materiallardan ýasalypdyr. Adamlar çeňňege ötürilen dürli iýmler arkaly düzüminde protein we ýag mukdary köp bolan balyklary tutupdyrlar. Ilkibaşdaky çeňňekler has ýöntem bolup, çalt zaýalanýan eken. Agaç çeňňekler suwda çümmeýändigi üçin az ulanylsa-da, suwuň ýüzüne golaý ýaşaýan balyklary tutmakda has amatly hasaplanypdyr. Şonuň üçin agaçdan ýasalan çeňňekler geçen asyryň 60-njy ýyllaryna çenli ulanylypdyr.

Çeňňek adamzat taryhynda ýeterlik mukdarda täze iýmit çeşmesini tapmakda esasy oýlap tapyşlaryň biri bolupdyr. Deňizden ýa-da derýanyň, kölüň süýji suwundan balyk tutmak köp zähmet we wagt talap etmeýär. Bu bolsa, balykçylygyň irki döwürlerde ösmegine sebäp bolupdyr.

## Labirint



**4 çöpüň ýerini üýtgedip, 10 sany dörtburçluk emele getiriň!**



## Sudoku

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | 3 | 2 | 5 | | |
| 5 | | | | | |
| 3 | 2 | | | | 5 |
| | 1 | 5 | 2 | | |
| 6 | | 1 | | 2 | 4 |
| | 4 | | | 5 | 1 |

## San diňi






## SPIRAL KROSSWORD



● **DAŞYNDAN IÇINE:** **1-8.** Inçeden uzyn gaýçyguýruk, çalt uçýan, petekesi akja garaja guş. **8-12.** Gum gatyşykly owunjak daşlar, daş bölekleri. **12-15.** Gyza dakylýan at. **15-22.** Sözüň, diliň kömegi bilen, çeper keşp arkaly tapawutlanýan sungatyň bir görnüşi. **22-27.** Agram ölçelýän, çekilýän gural, enjam. **27-33.** Ýewropada bir döwlet. **33-39.** Dermanlyk ösümlik. **39-47.** Ýurdumyzda bir goraghana. **47-51.** Saz guraly. **51-54.** Meşhur egin-eşik kompaniýasy. **54-59.** Nahar-şam taýýnlanýan jaý, otag. **59-66.** Ýurdumyzda bir derýa. **66-72.** Balygyň bir görnüşi. **72-77.** Deňiz jandary. **77-81.** Okuw esbaby. **81-88.** Ýylanyň bir görnüşi. **88-94.** Aziýanyň merjen şäheri. **94-98.** Sülgünler maşgalasyndan bolan owadan ýelekli uly guş. **98-103.** Nowruz baýramynyň tagamy.

**Hurma HOMMADOWA,** *Aşgabat şäheriniň ýaşaýjysy.*



## 18-nji KROSSWORD

**Ogulşeker ANNAORAZOWA,** *S.A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

● **DIKLIGINE:** **1.** Himiki elementiň örän kiçi bölejigi. **2.** Ýokary derejeli, haýran galdyryjy. **3.** Planeta. **4.** Küýze ussasy, külal. **5.** Gül ekilen küýze, gül goýulýan gap. **6.** Käbir ösümlikleriň hasylynyň iň kiçi bölejigi. **7.** Ýylanyň bir görnüşi. **8.** Köp sanly, birnäçe. **13.** Süýt önümi. **14.** Sportuň bir görnüşi. **16.** Milli tagam. **18.** «Gulagym otdan gyzyl, ädigim etden gyzyl» (matal). **20.** Öz işiniň, käriniň ussady. **22.** «... kesbi ogla halal» (nakyl). **23.** Atyň arkasyna ýapylýan keçe. **25.** Sportuň bir görnüşi. **27.** Gymmaty bir manadyň bäşden bir bölegine barabar bolan demir pul birligi. **29.** Müsüriň paýtagty. **31.** Dermanlyk ösümlik. **32.** Umyt, isleg.

● **KESELIGINE:** **9.** Söwdagär, hususy söwda kärhanasynyň eýesi. **10.** Üstünden ütük ýöredilip, ýygyrdy ýazylan. **11.** Ýumurtga, ösümlik ýagy, limon garyşdyrylyp taýýarlanýan hurş. **12.** Üstünde gyşarmak, oturmak üçin matanyň içine pagta, ýelek salnyp tikilýän kiçiräk insiz düşek. **13.** Gyza dakylýan at. **15.** Kösemän, ýadaman. **17.** Sugunyň bir görnüşi. **19.** Oguz hanyň kakasynyň ady. **21.** Mukdar taýdan artyk. **24.** Himiki element. **26.** Niýet, arzuw. **28.** Durmuşa çykan gyzyň adamsyna gyzyň ene-atasy, hossarlary tarapyndan garyndaşlyk taýdan berilýän at. **30.** Ýurdumyzdaky dokma toplumlarynyň biri. **33.** Bişmedik, gök. **34.** Kömekçi söz.

**17-nji krosswordyň jogaby:**

| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Ş | A | T | L | Y | K | | B | A | G | A | N | A | | A | S | T | A | N | A | | Y | Ş | A | R | A | T |
| | Ş | | I | | Ä | R | | Ý | | H | | G | A | Ý | | A | | A | | E | K | | L | | Z | |
| N | A | N | | E | N | A | R | | A | M | A | L | | R | O | W | A | Ý | A | T | | G | A | Ý | M | A |
| E | | A | | D | | Ý | | Ý | | Y | | A | Ý | A | | U | | Z | | E | | A | | A | | R |
| R | E | Ý | H | A | N | | B | A | Ý | R | A | K | | K | Y | S | M | A | T | | A | M | A | N | A | T |
| | R | | A | | O | D | A | | O | | N | | | | Z | | A | | Ü | S | T | | B | | D | |
| M | A | H | M | A | L | | Ý | A | K | M | A | K | | S | A | P | L | A | M | | A | D | A | L | A | T |
| I | | O | | S | | T | | H | | A | | A | G | A | | A | | Ş | | T | | A | | A | | A |
| M | E | R | E | T | | A | L | M | A | L | Y | K | | G | A | M | A | | G | U | R | T | | R | A | M |
| | Ý | | R | | A | R | | A | | Y | | Y | Ş | A | | I | | Ý | | T | U | | A | | R | |
| Ç | E | R | K | E | Z | | I | L | A | M | A | N | | T | E | R | N | A | W | | M | A | T | L | A | P |

Üç ölçegli suratyň içinde başga bir şekil gizlenen. Ony görmek üçin «gözüň bilen seretmeli, beýniň bilen görmeli». Suraty gymyldatman saklap, bulam-bujar şekiliň aňyrsyna serediň we biraz wagtdan gözüňizi ýuwaşlyk bilen suratdan daşlaşdyryň! Başga bir şekil peýda bolar.

**Birinji gezekde görüp bilmeseňiz, az-kem dynç alyp, täzeden synanyşyň!**

Üç ölçegli surat

№ 5



Üç ölçegli suratyň jogaby.

№ 4



**DIKLIGINE:** **1.** Oglana dakylýan at. **2.** Gemriji jandar. **3.** Agyr, müşgil. **4.** Sorag çalyşmasy. **5.** Terbiýe, tertip-düzgün. **6.** Awstraliýaly we amerikaly aktýor, kinorežissýor ... Gibson. **7.** Kömekçi söz. **8.** «Buz üstünde tozan ...» (nakyl). **9.** Kazyýet. **10.** Gyza dakylýan at. **11.** Perunyň paýtagty. **12.** Bir zadyň kenary. **15.** Miwe. **20.** But süňki bilen injik süňküni birleşdirýän bogun. **22.** Uşak bolmadyk. **25.** Gepläp bilmeýän. **27.** Suw akdyrmak, goýbermek üçin çuň bolmadyk aryk, salma. **29.** Meşhur Kuba-Ispan aktrisasy ... De Armas. **30.** Gizlin agent, jansyz. **31.** «Daglar ýeriň myhydyr, ... özün dag saýar» (Magtymguly). **33.** Reňk. **34.** Urp-..., gadymdan gelýän ýörelge. **35.** Ejeň ejesini aňladýan söz. **36.** Maý, çeme, oňaý. **37.** Ýörite edilen beýik haýatly berkitme. **38.** «... almak – iňňe bilen guýy gazmak» (atalar sözi). **40.** Ýurdumyzda bir şäher. **44.** Oglana dakylýan at. **47.** Ýylan (köne söz). **49.** Tölenýän pul, aýlyk, muzd. **51.** Garyşyk reňk. **53.** At esbaby. **55.** Sahnada sazly-şahyrana keşpler janlandyrylýan sazly drama eseri. **57.** «Ýakynyň gadyryny ... giden biler» (nakyl). **58.** Ýazyjydyr şahyrlaryň kabul eden edebi ady, tahallus. **59.** Ýagdaý, mümkinçilik. **60.** Dodak (köne söz). **61.** Naryň agymtyl däneli süýji görnüşi. **62.** Maýyşgak. **64.** Geýim-gejimleriň, aýakgabyň we ş.m. zatlaryň ýyrtylan ýerine salynýan bölek mata. **65.** Galmagal, gykylyk, jenjel. **66.** ...-magşuk **69.** «Atda aýak bolsa, özge syn bolmaz, ärde gaýrat bolsa, işi ... bolmaz» (Magtymguly). **71.** Baýtalyň bir ýaşa çenli ýaşajyk gunany. **72.** Buddist ybadathana toplumy.

**KESELIGINE:** **1.** Işligiň nämälim şekiliniň -.../-mek goşulmasy. **4.** Has atlaryň ýerine ulanylýan nämälim çalyşma. **8.** Bal (köne söz). **12.** Çala gyzgyny bar bolan, sowuk däl. **13.** Birine ýa-da bir zada edilýän alada, gözegçilik, garaşyk. **14.** Gymmatbaha daş. **16.** Üç-dört dişli kiçijik labyr şekilli ilgençek. **17.** Elektrik zynjyrynyň ýapylmagyny ýa-da açylmagyny awtomatlaşdyrýan enjam. **18.** «... atadan gylyk-häsiýet, eneden bolsa zehin geçýändir» (nakyl). **19.** Gawundan taýýarlanylýan azyk önümi. **20.** ...-dessur. **21.** Italiýanyň paýtagty. **23.** Köp kirişli, uly kädili, kiriş kakar bilen çalynýan halk saz guraly. **24.** Kakasy bilen bile bolup ýören. **26.** Bir zada bolan isleg, niýet, göwün. **28.** Agyry, yza, ynjy. **30.** Süýreg, tirkeg, ideklenýän. **32.** «... bar - ne gamym bar» (nakyl). **36.** Mal saklamak üçin çöp-çalamdan, agaçdan we beýleki zatlardan edilýän aýmança. **39.** Sorag çalyşmasy. **41.** Sygyr sürüsi. **42.** ...-mülk. **43.** Russiýanyň dynç alyş şäheri. **45.** Hindi aktýory ... Çaran Teja. **46.** «... bolmak aňsat, adam bolmak kyn» (atalar sözi). **48.** Aşhana enjamy. **49.** Goýberilýän, ýüze çykýan ýalňyşlyk. **50.** Bir zadyň berjaý bolmagyna, amala aşmagyna bolan umyt, isleg. **51.** Zäher. **52.** Anha, ine. **54.** Aktýoryň sahna eserini haýsydyr bir gahrymany bolup janlandyrýan keşbi. **56.** Deňiz jandary. **60.** Ýadap halys bolmak, aryp tapdan düşmek. **63.** Bir zat paýlaşylanda her kime ýetýän hak, zat. **65.** Gerden, egin, arka. **67.** Köpçülikleýin sport we beýleki çäreleri geçirmek üçin ullakan giň jaý. **68.** Çaga seredýän zenan. **70.** Ot, alaw. **72.** Hadysa, ýagdaý. **73.** Dag etegindäki ýapgyt depeler, düzlüklerdäki belentli-pesli ýerler. **74.** Reňk. **75.** Bag, daragt. **76.** Amerikaly aktrisa ... Sofer. **77.** Beden synasy. **78.** Gurluşyk enjamlaryndan ýaşaýyş we hojalyk bähbitleri üçin salynýan kiçiräk jaý.

## 19-njy KROSSWORD

**Ogulgerek MUHAMMETMYRADOWA,** *S.A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*




**Ýewropada tapgyryň esasy duşuşyklary:** 23-nji aprel: Arsenal — Man. Ýunaýted (16:30), Leipsig — Union Berlin (18:30), Man. Siti — Watford (19:00), Inter — Roma (21:00), Bawariýa — Borussiýa D (21:30), PSŽ — Lans (00:00), Betis — Walensiýa (01:00, Şa Kubogynyň finaly); 24-nji aprel: Çelsi — West Ham (18:00), Liwerpul — Ewerton (20:30), SSKA — Dinamo (21:30), Lasio — Milan (23:45); 25-nji aprel: Braga — Porto (22:00), Sassuolo — Ýuwentus (23:45), 28-nji aprel: Man. Ýunaýted — Çelsi (23:45)

# ÝEWROPADA KUBOK ÝARYŞLARY

### Şu möwsümde 2-nji gezek finalda duşuşarlar

● Angliýanyň FA Kubogy ýaryşynyň finalynda «Liwerpul» bilen «Çelsi» toparlary duşuşarlar. «Wembley» stadionynda oýnalan ýarym final oýunlarynda «Liwerpul» «Mançester



Sitini» 3-2 hasabynda ýeňdi. Gollarynyň 3-sini hem birinji ýarymda geçiren «Liwerpulyň» »adyndan Ibrahima Konate (9) bilen Sadio Mane (17, 45) tapawutlandy. 2-nji ýarymdaky Jek Griliş bilen Bernardo Silwanyň gollary «Mançester Sitä» ýeňiş üçin ýeterlik bolmady. Şeýlelikde, 7 gezek kubogy eýelän «Liwerpul» 15-nji gezek finalda çykyş eder.Kubogy soňky sapar 2006-njy ýylda alan «Liwerpul» 2012-nji ýyldan bäri finala çykyp bilmän gelýärdi.

Beýleki finalçy «Çelsi» ýarym finalda Londonyň başga bir topary «Kristal Palas» bilen duşuşyp, Loftus-Çik (65) hem-de Meýson Mauntyň (76) gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňiş gazandy. «Çelsi» topary yzly-yzyna 3-nji, umumylykda 16-njy gezek finalda çykyş eder. Soňky 6 ýylda 5-nji gezek finala adyny ýazdyran «Çelsi» kubogy 8 gezek asmana göterdi.



«Liwerpul» bilen «Çelsiniň» arasyndaky final duşuşygy 14-nji maýda «Wembley»-de oýnalar. Bu olaryň şu möwsümdäki 2-nji finaly bolup, Liga Kubogynyň finalynda «Liwerpul» golsuz geçen oýundan soň penaltileriň netijesinde ýeňipdi. «Liwerpul» bilen «Çelsi» FA Kubogynyň finalynda mundan öň 2012-nji ýylda duşuşyp, şondada «Çelsi» 2–1 hasabynda ýeňiş gazanypdy.

### Finalda «Italia» derbisi oýnalar

● Italiýanyň Kubogy (Coppa Italia) ýaryşynyň finalynda «Inter» bilen «Ýuwentus» duşuşar. «Inter» golsuz geçen ýarym finalyň jogap duşuşygynda köne garşydaşy «Milany» Lautara Martines (2, 40) hem-de Robin Gosensiň (82) gollary bilen 3-0 hasabynda ýeňdi. Şeýlelikde, «Inter» 2011-nji ýyldan soň ilkinji, umumylykda 14-nji gezek finala çykdy. Ýeri gelende bellesek, «Milana» 2003-nji ýyldan bäri kubogy gazanmak başardanok we kubogy eýelemek arzuwy geljek möwsüme galdy. Kubogy 7 gezek eýelän «Interiň» finaldaky garşydaşy «Ýuwentus» bolar. Birinji duşuşykda 1-0 ýeňiş gazanan «Ýuwentus» jogap oýnunda «Fiorentinany» Bernardeski (32) hem-de Danilonyň (90+4) gollary bilen 2-0 ýeňdi. 21-nji gezek finala çykan «Ýuwentus» kubogy 14 sapar eýelemegi başardy.





Italiýanyň Kubogy ýaryşynyň 75-nji finaly, başgaça aýdylanda, «Italia» derbisi 11-nji maýda Rimdäki «Stadio Olimpico»-da oýnalar.

### 118 ýyllyk taryhynda ilkinji gezek finalda

● Germaniýanyň Kubogy (DFP Pokal) ýaryşynda «Fraýburg» topary 118 ýyllyk taryhynda ilkinji gezek finala çykdy. Ýarym finalda myhmançylykda 2-nji ligada çykyş edýän «Hamburg» toparyny 3–1 hasabynda ýeňen «Fraýburgyň» adyndan Petersen (11) Höfler (17) hem-de Grifo (35 p) tapawutlandy. «Hamburgyň» ýeke-täk golunу 88-nji minutda Glatsel geçirdi. Çempionatda-da şowly möwsümi başdan geçirýän «Fraýburg» topary finalda «Leipsig» bilen duşuşar. «Leipsig» topary ýarym finalda «Union Berlinden» üstün çykmagy başardy. Leipsig şäherinde oýnalan oýunda 25-nji minutda Bekeriň goly bilen berlinliler öňe saýlandy. Oýnuň 61-nji minutynda Andre Silwa penaltini dürs urup, hasaby deňledi. Duşuşygyň 90+3-nji minutynda-da Emil Forsberg «Leipsigi» bassyr 2-nji, umumylykda-da 3-nji gezek (2019, 2021, 2022) finala çykardy. «Fraýburg» bilen «Leipsigiň» arasyndaky final duşuşygy 21-nji maýda Berlindäki «Olympiastadion»-da geçiriler.



### 52-nji gezek finala çykdy

● Şotlandiýanyň Kubogy ýaryşynda finala çykan toparlar belli boldy. «Hampden Park» stadionynda oýnalan ýarym finalda «Harts» (Hart of Midlotian) topary «Hibernian» toparyndan 2–1 üstün çykyp (Simms 16, Kingsli 21 – Kadden 22), 17-nji gezek finala çykdy. Onuň finaldaky garşydaşy «Reýnjers» bolup, Wan Bronkhorstyň şägirtleri «Old Film» derbisinde «Seltik» toparyny goşmaça wagtda 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi (Arfild 78, Startfelt 114 ö.d. — Teýlor 64). 6 ýyldan soň finala çykan «Reýnjers» topary kubogy soňky gezek 2009-njy ýylda eýeläpdi. «Reýnjers» topary 52-nji gezek finala çykyp, şolaryň 33-sinde ýeňiş gazandy. Şotlandiýanyň Kubogyny 40 gezek eýelän «Seltik» öňde barýar.



«Harts» bilen «Reýnjersiň» arasyndaky final 21-nji maýda Glazgodaky «Hampden Park» stadionynda oýnalar.

* * *

Russiýanyň Kubogy ýaryşynda ýarym finalçylar belli bolup, «Dinamo» (Moskwa) myhmançylykda 2-nji liganyň wekili «Baltika» (Kaliningrad) toparyny penaltileriň netijesinde ýeňdi (1-1, 4–5 p). Kazanyň «Rubini» myhmançylykda 2-nji liganyň wekili «Ýeniseýden» (Krasnoýarsk) 3–1 utuldy. Ýurduň çempiony «Zenit» myhmançylykda 2-nji ligada çykyş edýän «Alaniýadan» (Wladikawkaz) penaltilerden soň asgyn geldi (2–2, 6–5 p). Moskwa derbisinde-de «Spartak» myhmançylykda SSKA-ny Bakaýewiň 21-nji minutdaky penalti goly bilen 1–0 ýeňip, ýarym finala çykdy. Ýarym finalyň oýunlary 12-nji maýda oýnalar.



* * *

Türkiýäniň Kubogy ýaryşynda ýarym finalyň 1-nji oýunlary oýnalyp, «Trabzonspor» öz meýdançasynda «Kaýserisporу» Korneliusyň 87-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen 1–0 ýeňdi. Şol sanda «Siwasspor» hem myhmançylykda «Alanýasporу» 2–1 ýeňip, finala çykmak ugrunda bir ädim öňe saýlandy. Jogap oýunlary 11–12-nji maýda oýnalar.

## «BARSELONA» ÝARYŞDAN GALDY

**UEFA-nyň Ýewropa Ligasynda we Ýewropa Konferensiýa Ligasynda ýarym finalçylar belli boldy. Ýewropa Ligasynda çärýek finalyň jogap duşuşygynda «Barselona» öz meýdançasynda «Aýntrahtdan» 3–2 asgyn geldi. Kostiç (4 p, 67) we Borreniň (36) 1-nji ýarymdaky gollary bilen öňe geçen «Aýntrahtyň» derwezesinden oýnuň ahyrlarynda katalonlar 2 gol geçirdi (Buskets 90+1, Depaý 90+11 p). Ýöne bu olaryň ýarym finala çykmagy üçin ýeterlik bolmady. Mundan öňki 2 tapgyrda 1-nji oýunlary öz meýdançasynda geçirip, deňme-deň oýnan we jogap duşuşyklarynda ýeňiş gazanan «Barselonany» bu täsin statistikasy-da halas etmedi. 1-nji oýunlary 1–1 gutaran duşuşyklaryň jogap oýunlarynda «West Ham» myhmançylykda «Liony» 3–0 (Dawson 38, Raýs 44, Bowen 48), «Leipsig» hem «Atalantany» 2-0 (Nkunku 18, 87 p) ýeňdi. Portugaliýada 1–0 utulan «Reýnjers» öz meýdançasynda «Bragany» goşmaça wagtda 3–1 (Tawernier 2, 44 p, Ruf 101 – Karmo 83) hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. 28-nji aprelde we 5-nji maýda oýnaljak ýarym final oýunlarynda «Leipsig» bilen «Reýnjers», «West Ham» bilenem «Aýntraht» toparlary duşuşarlar.**



## «ROMA» BU GEZEK ÝEŇMEGI BAŞARDY

**UEFA-nyň täze bäsleşiginiň çärýek finalynyň jogap oýunlary oýnaldy. Italiýanyň «Roma» kluby mundan öňki 3 oýunda ýeňip bilmedik garşydaşy Norwegiýanyň «Bude-Glimt» toparyndan 4–0 üstün çykdy. Duşuşykda Nikola Zaniola het-trik edip (23, 29, 49), toparyna uly hasaply ýeňiş gazandyran oýunçy boldy. Rimlileriň beýleki goluny-da 5-nji minutda Abraham derwezä girizdi. «Marsel» grekleriň PAOK toparyny myhmançylykda-da ýeňmegi başardy (1–0, Paýet 34). Golsuz geçen 1-nji oýnuň jogap duşuşygynda «Lester Siti» myhmançylykda PSW-ni 2–1 ýeňdi (Maddison 77, Pereira 88 — Zahawi 27). Niderlandlaryň «Feýenoord» topary myhmançylykda Praganyň «Slawiýasyny» 3–1 ýeňdi (Dessers 2, 59, Sinisterra 78 — Traore 14). 1-nji duşuşyk 3–3 deňlikde tamamlanypdy. Şeýlelikde, ýarym finalda «Lester» bilen «Roma, «Feýenoord» bilenem «Marsel» duşuşar. Ýarym finalyň oýunlary 28-nji aprelde hem-de 5-nji maýda oýnalar.**



## Bir sözlemde...

- «Monuments» bir günlük ýol welosiped ýaryşlarynyň möwsümdäki 3-nji tapgyry Pariž — Rube ýaryşynda 257,2 kilometri 5 sagat 37 minut 01 sekuntda tamamlanan «Ineos Grenadiers» toparynyň niderland türgeni Dilan Wan Baarle ýeňiş gazanyp, ol belgiýaly Wut Wan Aertden («Team Jumbo–Visma») hem-de şweýsariýaly Stefan Küngden («Groupama–FDJ») öňe saýlandy.
- Angliýanyň 2-nji ligasy «EFL Championship»-de çykyş edýän Weýn Runiniň tälimçiligindäki «Derbi Kaunti» topary 43-nji tapgyrda KPR toparyndan 1-0 asgyn gelip, 3-nji liga düşdi we topar 1986-njy ýyldan soň ilkinji sapar 3-nji ligada oýnar.
- Angliýanyň «Premier Ligasynda» ligada galmak üçin göreş alyp barýan «Býornli» kluby topara 10 ýyldan bäri tälim berip gelýän tälimçisi Şon Daýçy wezipesinden boşatdy, topar onuň döwründe 51 ýyldan soň UEFA-nyň bäsleşiklerine gatnaşypdy.
- NBA-da adaty möwsümiň iň ökde goragçysy diýlip, «Boston Seltiks» toparynyň oýunçysy Markus Smart saýlanyp, ol bu ugurda Mikel Brijes («Finiks Sans») hem-de geçen möwsümiň ýeňijisi Rudi Guber («Ýuta Jazzyň») ikisinden köp ses almagy başardy.
- Angliýanyň 2-nji ligasy «EFL Championship»-de möwsümiň tamamlanmagyna 3 tapgyr galanda, London şäheriniň «Fulham» kluby bir ýyllyk arakesmeden soň «Premier Liga» çykmagy başardy, klub soňky 5 ýylda 3-nji, umumylykda 16-njy gezek «Premier Ligada» oýnar.

## 6 ÝYLDAN BÄRI ne şikes alýar, ne-de kart

● Bilbao şäheriniň «Atletik» toparynyň ispaniýaly hüjümçisi Iniaki Williams 6 ýyldan bäri «La Ligada» yzygiderlilikde bir duşuşyk hem goýbermän çykyş edip gelýär. Ol soňky gezek 2016-njy ýylyň aprelinde şikesi sebäpli meýdança çykyp bilmändi. Şondan bäri 227 duşuşykda meýdança çykan Iniaki Williams bu ugurda öz rekordyny ösdürmegini dowam edýär. Ol degişli döwürde ne şikes aldy, ne-de kart sebäpli jerimä düşdi. 27 ýaşly futbolçy şol 227 duşuşygyň 189-synda esasy düzümde meýdança çykdy. Mälim bolşy ýaly, Iniaki Williams geçen ýylyň oktýabr aýynda «La Liganyň» çäginde yzygiderlilikde 202-nji duşuşygyny oýnap, çempionatyň rekordyny täzeläpdi. Bu ugurda ozalky rekord «Real Sosiedadyň» goragçysy Huan Antonio Larranýaga degişli bolup, ol 1987-1992-nji ýyllar aralygynda bassyr 201 duşuşykda meýdança çykypdy.



## 126-njy Boston marafony

● Her ýyl geçirilýän 6 uly marafonyň biri bolan Boston marafonynda keniýaly türgenlere taý tapylmady. 30 müň ylgaýjynyň gatnaşan 126-njy Boston marafonynda



erkekleriň arasynda keniýaly Ewans Çebet ýeňiji bolup, ol 42,195 kilometr aralygy 2 sagat 6 minut 51 sekuntda geçmegi başardy. Bu onuň Bostondaky ilkinji ýeňşidir. Ýeňiş münberiniň beýleki 2 basgançagyna-da keniýaly türgenler çykyp, 2019-njy ýylyň çempiony Lawrens Çerono 2-nji (02:07:21), geçen ýylyň ýeňijisi Benson Kipruto 3-nji (02:07:27) ýeri eýeledi.

Zenanlaryň arasynda-da münberiň iň ýokary basgançagyna keniýaly türgen çykyp, Tokio 2020-niň çempiony Peres Jepçirgir hemmeden öň pellehana geldi. Ol 2 sagat 21 minut 1 sekuntlyk görkeziji bilen Bostonda iň ýokary netije gazanan 3-nji zenan ylgaýjy boldy. Galyberse-de, ol şu ýylyň dowamynda 6 Uly marafonyň biri bolan Nýu Ýork marafonynda ýeňiji bolupdy. Jepçirgir bir ýylyň dowamynda Nýu Ýorkda-da, Bostonda-da çempion bolan ilkinji marafon ylgaýjysy hökmünde hasaba alyndy.

Bäsleşigi Jepçirgir bilen ýokary depginde alyp baran, wagtal-wagtal öňe hem geçen efiopiýaly Ababel Ýeşahanes ýeňijiden 4 sekunt yza galyp, ýaryşda 2-nji ýeri eýeledi. 2 sagat 21 minut 32 sekuntda pellehanadan geçen keniýaly Meri Ngugi 3-nji orna mynasyp boldy.

## ÇEMPIONLYGYNY GORAMAGY BAŞARDY

● Tennis boýunça Monakonyň paýtagtynda 115-nji gezek geçirilen «Monte Karlo» «Masters» ýaryşynda gresiýaly Stefanos Sisipas çempion boldy. Ol möwsümiň 4-nji «Masters» ýaryşynyň finalynda ispaniýaly Alehandro Dawidowiç Fokinadan 6:3 we 7:6 hasaplar bilen üstün çykyp, bu ýerdäki bassyr 2-nji çempionlygyny gazandy. Bu onuň karýerasyndaky 8-nji ATP çempionlygydyr. Gresiýaly tennisçi Uly dörtlük hasaplanýan Rafael Nadal, Nowak Jokowiç, Rojer Federer hem-de Endi Mýurreýden başga «Masters» ýaryşynda çempionlygyny goran ilkinji tennisçi hökmünde hasaba alyndy.



## 10 ýyl garaşdyran 10-njy kubok



**Niderlandlaryň Kubogy (KNVB Cup) ýaryşynyň finalynda PSW bilen «Aýaks» toparlary duşuşdy. Rotterdam şäherindäki «De Kuip» stadionynda oýnalan finalda eýndhowenliler 2-1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Çekeleşikli geçen oýunda ilki «Aýaks» Grawenberghyň 23-nji minutdaky goly bilen öňe saýlansa-da, PSW topary 2-nji ýarymyň başynda 2 minutda 2 gol geçirmegi başardy. 48-nji minutda Gutierres, 50-nji minutda-da Gakpo eýndhowenlilere ýeňiş getiren oýunçylar boldy. Şeýlelikde, 2–1 hasabynda ýeňiş gazanan PSW topary 10 ýyldan soň kubok ýaryşynda 10-njy kubogyny asmana göterdi. PSW topary soňky gezek 2013-nji ýylda finala çykyp, 2012-nji ýylda-da kubogy eýeläpdi. PSW topary «Aýaksdyr» (20) «Feýenoord» (13) klublaryndan soň Niderlandlaryň Kubogyny iň köp gazanan 3-nji topardyr.**

### PREMIER LEAGUE (33) — 29 gol

**Tottenham—Braýton: 0–1** (Trossar 90), **M. Ýunaýted—Norwiç: 3–2** (Ronaldo 7, 32, 76 — Dowell 45+1, Pukki 52), **Southempton—Arsenal: 1–0** (Bednarek 44), **Watford—Brentford: 1–2** (Dennis 54 — Nergor 15, Ýansson 90+6), **West Ham—Býornli: 1–1** (Souçek 74 — Werghorst 33), **Nýukasl—Lester: 2–1** (Gimaraýns 30, 90+5 – Lukman 19);
**Liwerpul—M. Ýunaýted: 4–0** (Diaz 5, Salah 22, 85, Mane 68), **Nýukasl—K. Palas: 1–0** (Almiron 32), **M. Siti—Braýton: 3–0** (Mahrez 53, Foden 65, B. Silwa 82), **Çelsi—Arsenal: 2–4** (Werner 17, Azpilikueta 32 — Nketia 13, 57, Smit-Rou 27, Saka 90+2), **Ewerton—Lester: 1–1** (Rişarlison 90+3 — Barns 5)

### LA LIGA (32) — 26 gol

**R. Sosiedad—Betis: 0–0, Elçe—Malýorka: 3–0** (Mohika 42, Bigas 58, Li Kan In 81 ö.d.), **Alawes—Raýo Wallekano: 1–0** (Hoselu 64), **Walensiýa—Osasuna: 1–2** (Soler 83 p — Awila 50 p, Budimir 74), **Hetafe—Wilýarreal: 1–2** (Ünal 63 — Moreno 7, Trigeros 16), **Granada—Lewante: 1–4** (Soldado 90+5 — Dani Gomes 17, Morales 56 p, Malsa 77, Kolýado 90+2), **Atletiko—Espanýol: 2–1** (Karrasko 52, 90+10 p — De Tomas 74), **Atletik—Selta: 0–2** (Ýago Aspas 11, Beltran 37), **Sewilýa—Real Madrid: 2–3** (Rakitiç 21, Lamela 25 — Rodrigo 50, Naço 82, Benzema 90+2), **Barselona—Kadiz: 0–1** (Lukas Peres 48)

### SERIE A (33) — 25 gol

**Spesiýa—Inter: 1–3** (Majore 88 — Brozowiç 31, Martines 73, Sançes 90+4), **Milan—Jenoa: 2–0** (Leao 11, Messias 87), **Kaliari—Sassuolo: 1–0** (Deýola 42), **Sampdoriýa—Salernitana: 1–2** (Kaputo 32 — Fazio 4, Ederson 6), **Udineze—Empoli: 4–1** (Ismaili 6 ö.d., Deulofeu 52, Pussetto 79, Samaržiç 87 — Pinamonti 67 p), **Fiorentina—Werona: 1–0** (Torreýra 30), **Ýuwentus—Bolonýa: 1–1** (Wlahowiç 90+4 — Arnautowiç 52), **Lasio—Torino: 1–1** (Immobile 90+3 — Pellegri 56), **Napoli—Roma: 1–1** (Insinýe 11 p — El Şaarawi 90+1), **Atalanta—Werona: 1–2** (Skalwini 82 — Çekkerini 45+2, Koopmeýners 55 ö.d.)

### LIGUE 1 (33) — 26 gol

**Bordo—Sent-Etien: 2–2** (Mara 16, Onana 23 — Buanga 33, Nordin 65), **Loriýan—Mets: 1–0** (Wattara 90+5), **Monako—Nissa: 1–0 (Golowin 45+2), Reýms—Lill: 2–1** (Munetsi 32, Abdelhamid 90+2 — Sanşeş 57), **Trua—Klermon: 0–1** (Baýo 88), **Anže—PSŽ: 0–3** (Mbappe 28, Serhio Ramos 45+1, Markinios 77), **Brest—Lion: 2–1** (Munýe 27 p, Dembele 72 — Kardona 74), **Lans—Monpelie: 2–0** (Koşta 37, Ganago 75), **Marsel—Nant: 3–2** (Paýet 39 p, 55 p, Arit 75 — Žirotto 26, Koko 41), **Strasbur—Renn: 2–1** (Diallo 4, Ažork 77 — Terrie 54)

### BUNDESLIGA (30) — 21 gol

**Augsburg—Herta: 0–1** (Serdar 49), **Borussiýa D—Wolfsburg: 6–1** (Rote 24, Witsel 26, Akanži 28, Jan 35, Holann 38, 54 — Baku 82), **Maýns—Ştutgart: 0–0, Fraýburg—Bohum: 3–0** (Kubler 5, Şolloi 16, 53), **Borussiýa M—Köln: 1–3** (Embolo 85 — Modest 5, Kaýns 20, Lýubiçiç 34), **Arminiýa—Bawariýa: 0–3** (Laursen 10 ö.d., Gnabri 45+8, Musiala 85), **Union Berlin—Aýntraht: 2–0** (Awonýi 17, Prömel 21), **Hoffenhaým—Groýter Furt: 0–0, Baýer—Leipsig: 0–1** (Soboslai 69)

#### ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MAN. SITI | 32 | 24 | 5 | 3 | 75-20 | 77 |
| 2 | LIWERPUL | 32 | 23 | 7 | 2 | 83-22 | 76 |
| 3 | ÇELSI | 31 | 18 | 8 | 5 | 66-27 | 62 |
| 4 | TOTTENHAM | 32 | 18 | 3 | 11 | 56-38 | 57 |
| 5 | ARSENAL | 32 | 18 | 3 | 11 | 49-39 | 57 |
| 6 | M. ÝUNAÝTED | 33 | 15 | 9 | 9 | 52-48 | 54 |
| 7 | WEST HAM | 33 | 15 | 7 | 11 | 52-43 | 52 |
| 8 | W. HEMPTON | 32 | 15 | 4 | 13 | 33-28 | 49 |
| 9 | LESTER | 31 | 11 | 8 | 12 | 47-51 | 41 |
| 10 | BRAÝTON | 33 | 9 | 13 | 11 | 29-40 | 40 |
| 11 | NÝUKASL | 33 | 10 | 10 | 13 | 37-55 | 40 |
| 12 | BRENTFORD | 33 | 11 | 6 | 16 | 41-49 | 39 |
| 13 | SOUTHEMPTON | 32 | 9 | 12 | 11 | 38-52 | 39 |
| 14 | K. PALAS | 32 | 8 | 13 | 11 | 43-41 | 37 |
| 15 | ASTON WILLA | 31 | 11 | 3 | 17 | 42-46 | 36 |
| 16 | LIDS | 32 | 8 | 9 | 15 | 38-68 | 33 |
| 17 | EWERTON | 31 | 8 | 5 | 18 | 34-53 | 29 |
| 18 | BÝORNLI | 31 | 4 | 13 | 14 | 26-45 | 25 |
| 19 | WATFORD | 32 | 6 | 4 | 22 | 30-62 | 22 |
| 20 | NORWIÇ | 32 | 5 | 6 | 21 | 22-66 | 21 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 22 |
| 2 | Hyn Min Son (Tottenham) | 17 |
| 3 | Diego ZOTA (Liwerpul) | 15 |
| 4 | Kristiano RONALDO (Man. Ýunaýted) | 15 |
| 5 | Sadio MANE (Liwerpul) | 14 |

#### ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 32 | 23 | 6 | 3 | 66-28 | 75 |
| 2 | BARSELONA | 31 | 17 | 9 | 5 | 60-32 | 60 |
| 3 | ATLETIKO | 32 | 18 | 6 | 8 | 59-39 | 60 |
| 4 | SEWILÝA | 32 | 16 | 12 | 4 | 46-25 | 60 |
| 5 | BETIS | 32 | 17 | 6 | 9 | 56-37 | 57 |
| 6 | R. SOSIEDAD | 32 | 15 | 10 | 7 | 32-30 | 55 |
| 7 | WILÝARREAL | 32 | 13 | 10 | 9 | 51-31 | 49 |
| 8 | ATLETIK B | 32 | 11 | 12 | 9 | 36-32 | 45 |
| 9 | OSASUNA | 32 | 12 | 8 | 12 | 33-41 | 44 |
| 10 | WALENSIÝA | 32 | 10 | 12 | 10 | 44-46 | 42 |
| 11 | SELTA | 32 | 10 | 9 | 13 | 36-35 | 39 |
| 12 | ESPANÝOL | 32 | 10 | 9 | 13 | 37-44 | 39 |
| 13 | ELÇE | 32 | 9 | 8 | 15 | 35-44 | 35 |
| 14 | R. WALLEKANO | 31 | 9 | 7 | 15 | 32-38 | 34 |
| 15 | HETAFE | 32 | 7 | 11 | 14 | 29-37 | 32 |
| 16 | KADIZ | 32 | 6 | 13 | 13 | 27-43 | 31 |
| 17 | GRANADA | 32 | 6 | 11 | 15 | 36-56 | 29 |
| 18 | MALÝORKA | 32 | 7 | 8 | 17 | 27-53 | 29 |
| 19 | ALAWES | 32 | 6 | 7 | 19 | 25-53 | 25 |
| 20 | LEWANTE | 32 | 5 | 10 | 17 | 39-62 | 25 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Karim BENZEMA (Real Madrid) | 25 |
| 2 | HUANMI (Betis) | 15 |
| 3 | Raul DE TOMAS (Espanýol) | 15 |
| 4 | Enes ÜNAL (Hetafe) | 15 |
| 5 | Winisius JUNIOR (Real Madrid) | 14 |

#### ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MILAN | 33 | 21 | 8 | 4 | 58-29 | 71 |
| 2 | INTER | 32 | 20 | 9 | 3 | 68-25 | 69 |
| 3 | NAPOLI | 33 | 20 | 7 | 6 | 59-27 | 67 |
| 4 | ÝUWENTUS | 33 | 18 | 9 | 6 | 50-29 | 63 |
| 5 | ROMA | 33 | 17 | 7 | 9 | 54-37 | 58 |
| 6 | LASIO | 33 | 16 | 8 | 9 | 65-48 | 56 |
| 7 | FIORENTINA | 32 | 17 | 5 | 10 | 53-40 | 56 |
| 8 | ATALANTA | 32 | 14 | 9 | 9 | 54-38 | 51 |
| 9 | WERONA | 33 | 13 | 9 | 11 | 58-50 | 48 |
| 10 | SASSUOLO | 33 | 12 | 10 | 11 | 58-53 | 46 |
| 11 | TORINO | 32 | 10 | 10 | 12 | 36-31 | 40 |
| 12 | UDINEZE | 32 | 9 | 12 | 11 | 47-50 | 39 |
| 13 | BOLONÝA | 32 | 10 | 8 | 14 | 35-45 | 38 |
| 14 | EMPOLI | 33 | 8 | 10 | 15 | 42-60 | 34 |
| 15 | SPESIÝA | 33 | 9 | 6 | 18 | 33-57 | 33 |
| 16 | SAMPDORIÝA | 33 | 8 | 5 | 20 | 40-56 | 29 |
| 17 | KALIARI | 33 | 6 | 10 | 17 | 31-61 | 28 |
| 18 | JENOA | 33 | 2 | 16 | 15 | 24-54 | 22 |
| 19 | WENESIÝA | 32 | 5 | 7 | 20 | 26-58 | 22 |
| 20 | SALERNITANA | 32 | 5 | 7 | 20 | 26-69 | 22 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Çiro IMMOBILE (Lasio) | 25 |
| 2 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 23 |
| 3 | Jowanni SIMEONE (Werona) | 16 |
| 4 | Temmi ABRAHAM (Roma) | 15 |
| 5 | Lautara MARTINES (Inter) | 15 |

#### FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE I/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 33 | 24 | 5 | 4 | 75-30 | 77 |
| 2 | MARSEL | 33 | 18 | 8 | 7 | 55-33 | 62 |
| 3 | RENN | 33 | 17 | 5 | 11 | 70-36 | 56 |
| 4 | STRASBUR | 33 | 15 | 11 | 7 | 55-35 | 56 |
| 5 | MONAKO | 33 | 16 | 8 | 9 | 51-34 | 56 |
| 6 | NISSA | 33 | 16 | 7 | 10 | 42-29 | 54 |
| 7 | LANS | 33 | 15 | 8 | 10 | 52-41 | 53 |
| 8 | LION | 33 | 13 | 11 | 9 | 51-43 | 50 |
| 9 | LILL | 33 | 12 | 12 | 9 | 41-40 | 48 |
| 10 | NANT | 33 | 13 | 8 | 12 | 43-38 | 47 |
| 11 | MONPELIE | 33 | 12 | 6 | 15 | 44-46 | 42 |
| 12 | BREST | 33 | 11 | 9 | 13 | 42-48 | 42 |
| 13 | REÝMS | 33 | 9 | 13 | 11 | 36-36 | 40 |
| 14 | ANŽE | 33 | 8 | 10 | 15 | 36-49 | 34 |
| 15 | LORIÝAN | 33 | 8 | 10 | 15 | 33-52 | 34 |
| 16 | TRUA | 33 | 8 | 9 | 16 | 30-46 | 33 |
| 17 | KLERMON | 33 | 8 | 8 | 17 | 33-61 | 32 |
| 18 | SENT-ETIEN | 33 | 7 | 10 | 16 | 37-64 | 31 |
| 19 | BORDO | 33 | 5 | 12 | 16 | 44-79 | 27 |
| 20 | METS | 33 | 4 | 12 | 17 | 29-59 | 24 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 23 |
| 2 | Martin TERRIE (Renn) | 20 |
| 3 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 19 |
| 4 | Mussa DEMBELE (Lion) | 15 |
| 5 | Gaetan LÝABORD (Renn) | 14 |

#### GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 30 | 23 | 3 | 4 | 89-29 | 72 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 30 | 20 | 3 | 7 | 76-43 | 63 |
| 3 | LEIPSIG | 30 | 16 | 6 | 8 | 65-31 | 54 |
| 4 | BAÝER | 30 | 15 | 7 | 8 | 68-43 | 52 |
| 5 | FRAÝBURG | 30 | 14 | 9 | 7 | 49-34 | 51 |
| 6 | UNION BERLIN | 30 | 13 | 8 | 9 | 40-39 | 47 |
| 7 | KÖLN | 30 | 12 | 10 | 8 | 44-44 | 46 |
| 8 | HOFFENHAÝM | 30 | 13 | 6 | 11 | 50-45 | 45 |
| 9 | MAÝNS | 30 | 11 | 6 | 13 | 43-36 | 39 |
| 10 | AÝNTRAHT | 30 | 10 | 9 | 11 | 40-42 | 39 |
| 11 | BORUSSIÝA M | 30 | 10 | 7 | 13 | 42-55 | 37 |
| 12 | BOHUM | 30 | 10 | 6 | 14 | 30-43 | 36 |
| 13 | WOLFSBURG | 30 | 10 | 4 | 16 | 34-51 | 34 |
| 14 | AUGSBURG | 30 | 8 | 8 | 14 | 34-47 | 32 |
| 15 | HERTA | 30 | 8 | 5 | 17 | 32-66 | 29 |
| 16 | ŞTUTGART | 30 | 6 | 10 | 14 | 36-53 | 28 |
| 17 | ARMINIÝA | 30 | 5 | 11 | 14 | 23-46 | 26 |
| 18 | GROÝTER FÜRT | 30 | 3 | 8 | 19 | 24-72 | 17 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Bawariýa) | 32 |
| 2 | Patrik ŞIK (Baýer) | 20 |
| 3 | Erling HOLANN (Borussiýa D) | 18 |
| 4 | Kristofer NKUNKU (Leipsig) | 17 |
| 5 | Antoni MODEST (Köln) | 16 |

## PSŽ HEM-DE «BAWARIÝA» ÇEMPION DIÝEN ÝALY

Fransiýanyň çempionatynda soňky 7 günde 2 tapgyryň duşuşyklary oýnalyp, PSŽ 32-nji tapgyrda «Marseli» Neýmar we Mbappe-



niň gollary bilen 2–1 ýeňdi. 33-nji tapgyrda-da PSŽ myhmançylykda «Anžeden» 3–0 üstün çykdy. Bu duşuşykda parižlilere ýeňiş getiren gollary Mbappe, Ramos hem-de Markinios derwezä girizdi. Şeýlelikde, möwsümiň tamamlanmagyna 5 tapgyr galanda, sanawyň lideri PSŽ bilen 2-nji ýerdäki «Marseliň» arasyndaky utuk aratapawudy 15-e deň bolup, 34-nji tapgyrda PSŽ 1 utuk gazanan ýa-da «Marsel» utuk ýitiren ýagdaýynda parižliler çempionlygyny yglan ederler. Şeýlede, Kilian Mbappeniň «Ligue 1»-iň çäginde PSŽ üçin geçiren gollarynyň sany 113-e ýetip, ol bu ugurda Zlatan Ibrahimowiç bilen deňleşdi.

Germaniýanyň çempionatynda çempionlygyň bosagasynda duran «Bawariýa» myhmançylykda «Arminiýany» 3–0 ýeňdi. Dortmundyň «Borussiýasy» bolsa öz meýdançasynda «Wolfsburgdan» 6–1 üstün çykdy. Duşuşykda köp wagtdan bäri tapawutlanyp bilmeýän Erling Holann 2 gol geçirdi. Myhmançylykda «Baýeri» 1–0 ýeňen «Leipsig» 3-nji orna beýgeldi. «Bundesliganyň» 31-nji tapgyrynda «Der Klassiker» derbisi oýnalar we şonda «Bawariýa» öz meýdançasynda «Borussiýa Dortmundy» ýeňen ýagdaýynda bassyr 10-njy çempionlygyny baýram eder.

### RONALDONYŇ 60-NJY HET-TRIGI

● Angliýanyň çempionatynda 33-nji tapgyrda 6 duşuşyk geçirildi. «Mançester Ýunaýted» öz meýdançasynda «Norwiçi» Ronaldonyň het-trigi bilen 3–2 ýeňdi. Şeýlelikde, Ronaldo klublardaky 50-nji, karýerasyndaky 60-njy het-trigini etmegi başardy. Ronaldo «Premier Ligada» 15 gol geçiren iň ýaşuly futbolçy boldy. 30-njy tapgyryň galdyrylan duşuşyklarynda «Liwerpul» öz meýdançasynda «Mançester Ýunaýtedi» 4–0 ýeňdi. Oýunda bir aýdan gowrak wagt bäri tapawutlanyp bilmän gelýän Salah 2 gol geçirdi. Möwsümiň 1-nji duşuşygynda-da 5–0 utulan «Mançester Ýunaýted» soňky 129 ýylda bir topardan 2 oýnuň netijesi boýunça (9–0) iň uly hasap bilen asgyn geldi (1892/93 möwsüminde «Sanderlanddan» 11–0 utulypdy). 30-njy tapgyryň galdyrylan oýunlarynda «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Braýtony» 3–0 ýeňdi. «Çelsi» bolsa London derbisinde «Arsenaldan» 4–2 utuldy.



Ispaniýanyň çempionatynda 32-nji tapgyrda «Real Madrid» myhmançylykda «Sewilýa» bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda ýer eýeleri 1-nji ýarymda 2–0 öňe saýlandy. Ýöne ruhdan düşmedik «Real Madrid» 2-nji ýarymda Rodrigo, Naço hem-de Benzemanyň gollary bilen 3-2 ýeňşini baýram etdi. 90+2-nji minutda ýeňiş goluny geçiren Benzema klubdaky 212-nji goluny geçirip, bu ugurda Alfredo Di Stefanodan öňe geçdi. Häzirki wagtda Benzemadan öňde Raul bilen Ronaldo bar. «Barselona» topary bolsa öz meýdançasynda «Kadizden» 1–0 utuldy. Soňky 4 oýunda «Barselonadan» ýeňilmedik «Kadiz» topary taryhynda ilkinji sapar «Kamp Nouda» «Barselonany» ýeňdi.

Italiýanyň çempionatynda «Jenoany» Leao we Messiasyň gollary bilen 2–0 ýeňen «Milan» 2 golsuz duşuşykdan soň 3 utuk gazandy. Pioli «Milanda» yzly-yzyna 6 oýunda gol geçirtmedik 3-nji tälimçi boldy. «Milandan» 2 utuk yzda barýan bir oýny kem «Inter» myhmançylykda «Spesiýany» 3–1 utdy. «Napoli» öz meýdançasynda «Roma» bilen duşuşyp, soňky minutlarda paýtagtlylaryň hasaby deňlemeginiň öňüni alyp bilmedi. «Ýuwentus» bolsa öz meýdançasynda «Bolonýa» bilen 1-1 deňme-deň oýnap, soňky minutda ýeňlişden halas boldy.

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

















# GADYRLY OKYJYLAR!

*«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2022-nji ýylyň II ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygy başlady! Gazetimize ýazylmak üçin «Türkmenpoçta» poçta aragatnaşyk kompaniýasynyň islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!*

**INDEKSI 69477.**

*Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!*

